# TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**“Ylym” neşirýaty**
**2013**

UOK 391/395
T 90

T 90 **Türkmen milli oýunlary.** Usuly gollanma. / Çapa taýýarlanlar A.Saryýew, L.Annamyradowa, A.Atanyýazow, H.Nunnaýew, G.Sähedow. – A.: Ylym, 2013. – 108 sah.

Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynda taýýarlanylan “Türkmen milli oýunlary” atly usuly gollanmada terbiýäniň ýaş aýratynlyklary göz öňüne tutulyp, başlangyç, esasy orta we umumy orta bilim berýän mekdepleriň okuwçylary üçin çagalar dynç alyş merkezlerinde dynç alýarkalar, şeýle hem mekdepden daşary bilim maksatnamalaryny özleşdirýän çagalaryň okuwdan boş wagtlary oýnaýan türkmen milli oýunlary hödürlenilýär.

Adam süňňüniň çeýeligi, çalasynlygy, çaltlygy, çydamlylygy, ugurtapyjylygy, çylşyrymly pursatlardan baş alyp çykarmagy pedagogiki-psihologiki terbiýäniň ahlak, zähmet, estetiki, beden we akyl terbiýesi ýaly görnüşleri bilen içgin baglanyşyklydyr.

“Türkmen milli oýunlary” atly usuly gollanmany çapa taýýarlanlar: A.Saryýew, L.Annamyradowa, A.Atanyýazow, H.Nunnaýew, G.Sähedow.

Bu usuly gollanma ýaşlaryň, aýratyn hem mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş döwründe çagalar dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny hoş geçirmekde, hemme taraplaýyn terbiýe almaklarynda ýakyndan kömek eder.

TDKP № 229 KBK 63.5(2Tü)

© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2013
© “Ylym“ neşirýaty, 2013



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Biziň ýöredýän syýasatymyzyň baş maksady jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmekden we sagdyn bedenli, belent ruhly nesilleri kemala getirmekden ybaratdyr.***

# GIRIŞ

2013-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow göni aragatnaşyk arkaly wideoşekilli iş maslahatyny geçirende Gökderedäki sapaly künjekde ýerleşýän çagalaryň dynç alyş merkezlerini mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş möwsümine taýýarlamak barada wajyp wezipeleri öňde goýdy. Milli Liderimiz dynç alyş döwründe ýaş türkmenistanlylaryň oňat dynç almagy, wagtlaryny gyzykly we peýdaly geçirmegi, saglyklaryny berkitmegi üçin ähli şertleri döretmek maksady bilen, hemme zerur çäreleri görmegiň möhümdigini nygtap belledi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ruhubelent ýaşlaryna durnukly bilim hem-de sagdyn terbiýe bermek, ylymly, bilimli, giň gözýetimli, Watana wepaly, işbaşarjaň nesli kemala getirmek meselesi Hormatly Prezidentimiziň aýdyň maksatly adyl syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda oňyn çözgütlere eýe bolýar. Şeýle hem ol ösüp gelýän ýaş nesliň medeniýetli dynç almagy, wagtyny gyzykly geçirmegi ugrunda durmuşa geçirilýän köpçülikleýin çäreler bilen utgaşdyrylýar.

Ýurt Baştutanlygyna geçen pursatyndan özüniň iň ygtybarly daýanjynyň öz halky boljakdygyny yglan eden Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ösüp gelýän ýaş neslimiz babatda yzygiderli alada edýär. Milli Liderimiziň ýaş nesliň saglygyny goramak we berkitmek ugrundaky aladalary bütin dünýäni haýrana goýýar. Ilatyň durmuş üpjünçiligini, ulanylýan iýmit serişdeleriniň çagalara ýaramlylygyny ýokarlandyrmak, bedeniň dikelişinde gündelik ulanylýan däri-dermanlaryň elýeterliligini üpjün etmek ýaly aladalar bilen bir hatarda Hormatly Prezidentimiz türkmenistanlylaryň saglygyny goramagyň we berkitmegiň iň bir ähtibarly serişdesi hökmünde bedenterbiýäni we sporty tutuş yurt derejesinde hemmetaraplaýyn ösdürmek ýörelgesini esaslandyrdy. Ýurt Ýolbaşçysynyň bu taýsyz başlangyjyna laýyklykda

bedenterbiýe we sport bilen meşgul bolmagyň adaty raýatlara elýeter derejesini giňden ýaýbaňlandyrmak bilen bir hatarda, bu işleriň ylmy esasda gurnalmagy, degişli ulgamyň işgärleriniň öňünde döwlet derejeli wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Köpetdagyň gözel Gökdere jülgesinde ýerleşýän “Beýik Serdaryň ruhubelent nesilleri” atly çagalar dynç alyş we sagaldyş merkezinde Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Içeri işler ministrliginiň, Syýahatçylyk baradaky döwlet komitetiniň, Sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň Merkezi geňeşiniň we ýurdumyzyň beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň jogapkär wekilleriniň gatnaşmaklarynda geçirilen pudagara iş maslahatynda Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna we gymmatly görkezmelerine laýyklykda, çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümine taýýarlyk işleriniň alnyp barlyşy bilen baglanyşykly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Iş maslahatynda çagalaryň tomusky dynç alyş möwsümini ýokary derejede we guramaçylykly geçirmek boýunça alnyp barylýan işleriň ýagdaýy seljerildi, bu ugurdaky nobatdaky wajyp meseleler kesgitlenildi. Şeýle-de degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň sazlaşykly işini üpjün etmek boýunça oýlanyşykly düzülen iş meýilnamasynyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bagtyýarlyk eýýamymyzda köp asyrlaryň dowamynda durmuş şertleriniň hem-de taryhy tejribäniň esasynda kämilleşen milli ýörelgelerimize laýyk belent adamkärçilikli, ýokary ahlakly, aň-düşünje babatda kämil, watansöýüji, päk wyždanly, sagdyn we ruhubelent, zähmetsöýer nesli terbiýeläp ýetirşdirmek bilen baglanyşykly meseleler uly orun tutýar. Şu maksat bilen tomusky dynç alyş möwsüminde türkmen tebigatynyň gözel ýerlerine, bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyp binalaryna we desgalaryna çagalaryň köpçülikleýin gezelençlerini, ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleri bilen gyzykly hem täsirli duşuşyklary, sportuň dürli görnüşleri, esasan-da, türkmen milli hem hereketli oýunlary boýunça gyzykly bäsleşikleri guramagyň möhümdigi aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiz 2012-nji ýylyň 1-nji iýunynda Köpetdagyň etegindaki gözel künjekleriň biri bolan Gökderede täze açylan “Nesil” atly çagalar dynç alyş we sagaldyş merkeziniň açylyşy bilen

baglanyşykly iberen gutlagynda: **“Geljegimiz bolan çagalarymyzy bagtyýar durmuşda ýaşatmak, kämil edep-terbiýe, bilim bermek berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetimizi we döwletimizi ösdürmegiň ýoludyr. Biz bu ugurda merdana halkymyzyň ruhy hem-de ahlak ölçeglerine laýyklykda kemala getiren berk hem-de kämil maşgala gatnaşyklaryny, Watanyny, il-gününi, halkyny ýüregi bilen söýýän, süňňi sagat, ýokary ahlakly nesilleri terbiýelemkdäki milli ýörelgelerini mynasyp dowam etdirýäris”** diýip belleýär.

Tomusky dynç alyş döwründe çagalaryň wagtyny gyzykly hem täsirli geçirmekleri üçin biz “Türkmen milli oýunlary” atly usuly gollanmany taýýarlamagy makul bildik.

Türkmen milli oýunlary her bir ýaş şahsyýetiň kemala gelmegine güýçli täsir edýär. Olarda türkmen milli oýunlarynyň üsti bilen eserdeňlik, ünslülik, duýgurlyk, ýatkeşlik hem-de çuň aňyýet terbiýesi kemala gelýär.

Adam süňňüniň çeýeligi, çalasynlygy, çaltlygy, çydamlylygy, ugurtapyjylygy, çylşyrymly pursatlardan baş çykarmagy pedagogiki-psihologiki terbiýäniň, ahlak, zähmet, estetiki, beden we akyl terbiýesi ýaly görnüşleri bilen içgin baglanyşyklydyr.

Türkmen milli oýunlarynyň taryhy örän gadymydyr. Oguzlar, Seljuklar zamanasyndan soň geçilen müňlerçe ýyllyk ýollar oýunlaryň öz döwürleri bilen baglanyşykly barha kämilleşmegine getirdi.

“Türkmen milli oýunlary” atly usuly gollanmada terbiýäniň ýaş aýratynlyklary göz öňüne tutulyp, başlangyç, esasy orta we umumy orta bilim berýän mekdepleriň okuwçylary üçin, şeýle hem mekdepden daşary bilim maksatnamalaryny özleşdirýän çagalaryň okuwdan boş wagtlary oýnaýan türkmen milli oýunlary hödürlenilýär.

Bu usuly gollanma ýaşlaryň, ylaýta-da mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alyş döwründe çagalar dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny hoş geçirmekde, hemmetaraplaýyn terbiýe almaklarynda ýakyndan kömek eder. Usuly gollanmanyň taýýarlanylmagynda ýurdumyzyň dürli etraplaryndaky mugallymlaryň, türkmen milli oýunlaryndan baş çykarýan kämil adamlaryň, hünärmenleriň maslahatlaryndan goldaw tapdyk. Şol adamlaryň hemmesine sag bolsun aýdýarys!

# I. TÜRKMEN MILLI OÝUNLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI

## AÝTEREK – GÜNTEREK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar deň sanda iki topara bölünip, olar biri-birinden 10–15 metr uzaklykda, biri-biriniň elinden tutup, ýüzbe-ýüz durýarlar.

Oýunçynyň sany 20–30-a çenli bolup biler. Bije atyşyp, haýsy toparyň oýny birinji başlamalydygyny belli edýärler.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýny birinji başlaýan toparyň oýunçylarynyň hemmesi bir ses bilen “Aýterek” diýşip, ikinji toparyň oýunçylaryna ýüzlenýärler. Ikinji toparyň oýunçylary “Günterek” diýşip, jogap berýärler.

Soň birinji topar: “Bizden size kim gerek?” diýşip, olara ýüzlenýärler. Ikinji topar: “Saýrap duran dil gerek” diýşip jogap berýärler. Birinji topar: “Dilleriň haýsy gerek?” diýýär.

Ikinji topar birinji toparyň oýunçylarynyň biriniň adyny tutup: “Serdar gerek” diýşip çagyrýarlar. Serdar atly oýunçy bat bilen ylgap gelip, ikinji toparyň oýunçylarynyň elleriniň arasyny üzüp geçmäge synanyşýar.

Eger-de oýunçylaryň elleriniň arasyny üzüp bilse, onda ol üzen oýunçylarynyň birini öz toparyna alyp gidýär. Eger Serdar oýunçylaryň elleriniň arasyny üzüp bilmese, onda ol oýny şol toparyň hatarynda dowam edýär. Oýny başlamak gezegi ikinji topara geçýär. Netijede, haýsy toparyň oýunçylarynyň sany az bolsa şol toparyň utuldygy bolýar.

***Oýnuň başga görnüşlerinde aşakdaky ýaly hem bolup biler:***

1. Aýdylyşýan sözleri her toparyň bir oýunçysy aýdyp biler.
2. Ady tutulyp çagyrylan oýunçy elleriniň arasyny üzüp bilmese, onda şol ýerde bir oýunçynyň arkasynda durup, “olja” bolup galýar.
3. Ady tutulyp, çagyrylan oýunçy elleriniň arasyny üzüp bilse, onda bir oýunçyny öz toparyna äkidip, arkasynda durzup, “olja” edip alýar.
4. Her toparyň oýunçylary birbada “olja” alyp bilerler we öz “olja-laryny” boşadybam bilerler.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Ady tutulyp çagyrylan oýunçy garşydaş toparyň oýunçylarynyň elleriniň arasyny islän ýerinden üzüp biler.
2. Mümkin boldugyça toparlaryň oýunçylarynyň hemmesiniň ady tutulyp çagyrylmalydyr. Sebäbi munuň özi oýunçylaryň hemmesinde uly gyzyklanma döredýär, oýna işeňňir gatnaşýar, höwes oýarýar.

## OGAR – OGAR

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10-dan 40-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylaryň islegleri boýunça ýa-da bije atyşyp, sanawaç aýdyşyp, möjek saýlanýar. Möjek saýlanlaryndan soň oýunçylar biri-birleriniň ellerinden tutup, tegelenip durýarlar, möjek bolsa tegelegiň ortasynda uklan bolup ýatýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýunçylar her hili hereketler edip, aýdym aýdyşyp, tegelegi barha gysyp, möjege golaýlaşýarlar. Oňa ellerini degir-mäge synanyşýarlar. Oýunçylaryň elleri möjege degeninden soň, möjek çalt ýerinden turup, oýunçylaryň yzyndan kowalap, tutmaga synanyşýar. Möjek oýunçylaryň birine elini degrip tutsa, onda tutulan oýunçy möjek bolýar. Eger-de tutup bilmese, onda oýun täzeden dowam edýär.

***Oýnuň düzgünleri.*** Oýun ýolbaşçynyň rugsady bilen başlanýar. Möjek oýunçylary diňe çäklendirilen ýere çenli kowalap, tutup biler.

***Oýnuň başga görnüşlerinde aşakdaky ýaly hem bolup biler:***

1. Möjek birbada birnäçe oýunçyny kowalap, el degrip tutup biler. Tutulan oýunçylar oýundan çykarylýar. Haýsy möjek oýunçyny köp tutsa, şol möjege çalt, çalasyn we batyr möjek diýip baha berilýär.
2. Oýunçylaryň sany köp bolsa, onda oýny iki tegelekde geçirmek bolar.



## TÖŇŇE – TÖŇŇE

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20-den 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýny oýnamak üçin giňligi 5–6 metr bolan tegelek çyzyk çyzylýar. Şol tegelek çyzyk pellehana hasaplanýar. Pellehananyň ölçegi oýunçylaryň sanyna görä üýtgäp biler. Oýunçylar bije atmak bilen bir oýunçyny töňňe saýlaýarlar. Galan oýunçylar döwçi bolýarlar. Olar hem özlerine öňbaşçy saýlaýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Töňňe bolan pellehanadan birneme daşlaşyp, çommalyp, kellesini egip, eli bilen gözüni tutup tegelegiň içinde dur-ýarlar. Öňbaşçy öz döwçülerine: "Ýörüň, çöpleme çöplemäge gide-liň!" diýip, olara ýüzlenýär. Döwçüler töwerege ýaýrap, eglip-galyp, çöpleme çöplän bolýarlar. Çöpleme çöpläp ýören döwçiniň biri töň-ňäniň üstünden baryp: "Men töňňe tapdym, geliň göterişiň" diýip, beýleki döwçüleri çagyrýar. Döwçüleriň hemmesi gelip, töňňäniň elinden, aýagyndan tutup, göterip, pellehana getirýärler. Döwçüler töňňäni pellehanada goýup, ýene-de töwerege ýaýrap töňňeden gözle-rini aýyrman, çöpleme çöplän bolýarlar. Döwçüler mazaly töwerege ýaýranlaryndan soň, töňňe döwçüleri pellehana girizmän, kowalap tutmaga synanyşýar. Eger töňňe döwçüleriň birini tutsa, tutulan töňňe bolýar we oýun täzeden dowam edýär. Döwçüleriň hiç biri hem töňňä tutdurman, pellehana girseler, onda öňki töňňe ýene-de töňňeligine galýar.



***Oýnuň düzgünleri:***

1. Töňňäni göterip, pellehana eltmäge hemme döwçüler gatnaşmaly. Eger ýer bolmasa, onda töňňäni ýere gaçyrman, beýleki döwçüler bilen çalyşmaly.
2. Töňňe getirilen mahaly hiç hili garşylyk görkezmeli däl.
3. Töňňäniň tutan döwçüsi oňa boýun egmeli, bidüzgünçilik etmeli däl.

## GUBAGAZLAR

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atmak bilen bir oýunçyny gurt edip saýlaýarlar. Galan oýunçylar gubagazlar bolýarlar. Meýdançanyň ortasynda köpriniň şekilini çyzmaly. Gurt köpriniň ortasynda durýar, gubagazlar bolsa meýdançanyň bir çetinde öňbaşçynyň arkasynda yzly-yzyna setire düzülip durýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen, gubagazlar düzülişip, duran ýerlerinde elleri bilen gazlaryň uçuşyna öýkünip, “kyr-kaw”, “kyr-kaw” diýşip, köpriniň ýanyna gelýärler. Şol wagt köprini goraýan gurt olaryň öňünden çykyp, olaryň nirä barýandygyny soraýar. Gubagazlaryň hersi bir şäheriň adyny tutup (Aşgabat, Daşoguz, Balkanabat we ş.m.), barýan ýerini aýdýar. Soň gubagazlar gurtdan köprüden geçirmegi haýyş edýärler we gurt köprüden geçirse, barýan şäherlerinden bir zat getirip bermegi wada edýärler. Diňe şondan soň gurt olary köprüden geçirýär. Gubagazlar köprüden geçip, meýdançanyň çetine çenli gazlara öýkünişip gidýärler we ýene-de yzyna köpriniň ýanyna dolanyp gelýärler. Olary ýene-de gurt garşy alýar. Ol gubagazlardan nireden gelýändigini soraýar. Gubagazlar bolsa öňki aýdan şäherleriniň adyny tutup, şol ýerden gelýändigini aýdýar. Ondan soň gurt olardan: “Wada eden zatlaryňyzy getirdiňizmi?” diýip soraýar. Gubagazlar hiç zat getirmändiklerini aýdyp, gurtdan gaçyp, köprüden geçmäge synanyşýarlar. Gurt olary tutmak üçin kowalap başlaýar. Eger gurt olaryň birini köprüden geçmänkä tutup bilse, onda onuň bilen ýerini çalyşýar. Eger-de tutup bilmese, onda gurt gurtlugyna galyp, oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Gubagazlaryň hersi bir şäheriň adyny tutup, nirä barýandygyny gurda aýtmaly.
2. Iki oýunçy (gubagazlar) bir şäheriň adyny aýtmaly däl.
3. Hemme gubagazlar köpriniň üstünden geçmeli.

## GÖZDAŇDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýlerinde oýnalýar. Oýun üçin göz daňar ýaly arassa ýaglyk, arassa ak kagyz, tegelek çyzar ýaly hek gerekdir.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançada giňligi 4–5 metr tegelek çyzylýar. Oýunçylar bije atyşyp, kimiň gözi daňylmalydygyny belli edýärler. Gözi daňylmaly oýunçy belli bolan soň, oýunçylar tegelegiň daşyna düzülýärler, gözi daňylgy oýunçy bolsa tegelegiň ortasynda durýar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýun ýolbaşçynyň rugsady bilen başlanýar. Oýunçylaryň hemmesi tegelegiň içine girip, gözi daňlan oýunça ellerini degirýärler. Gözi daňlan oýunçy hem öz gezeginde, elini degirýän oýunçylary tutmaga synanyşýar. Eger-de oýunçylaryň birini tutaýsa, onda tutulan oýunçy, gözi daňlan oýunçynyň adyny sesini üýtgedip aýdýar. Gözi daňlan oýunçy ony sesi boýunça tanap, adyny aýtmaly. Gözi daňlan oýunçy ony sesinden tanap, adyny aýtsa, onda gözdaňy-

ny tanalan oýunça berýär. Eger tanap bilmese, onda ýene-de öňküsi ýaly, oýny dowam edýär we beýleki oýunçylary tutmaga synanyşýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Gözi arassa ýaglyk bilen daňmaly. Ýaglygyň aşagynda arassa ak kagyz goýmak bolar.
2. Gözi daňlan oýunça gödeklik bilen el degirmek bolmaz, diňe guşaklygyndan ýokarsyna el degirmäge rugsat berilýär.

## ALTYÇÖP

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin uzynlygy bir garyş, ýogynlygy süýem barmakdan ýogyn bolmadyk, uçlary kütek alty sany çöp we göwrümi uly bolmadyk ýeňil rezin top gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Bije atyşyp, haýsy toparyň oýna birinji başlamalydygyny anyklaýarlar. Şondan soň iki toparyň aralygynda 6 sany çöpi biri-biriniň üstünde atanak edip goýýarlar. Goýlan çöpleriň her gapdalyndan bir garyş çemesi ölçegde dörtburçluk çyzylýar. Şol dörtburçluk çyzykdan toparyň oýunçylaryna çenli üç ädim bolmalydyr. Oýunçylaryň durýan ýerleri çyzyk bilen çäklendirilýär.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Haýsy toparyň ilkinji başlaýanlygy mälim bolandan soň, öňbaşçynyň görkezmesi boýunça bir oýunçy eline top alyp, çyzygyň daşynda durup, çyzygyň içindäki çöplere topy zyňyp, çöpleri çyzykdan çykarmaga synanyşýar. Eger-de zyňlan topuň netijesinde alty çöpem çyzygyň daşyna çyksa, onda çöpi çyzykdan çykaran toparyň oýunçylary döwçi, ikinji toparyň oýunçylary bolsa awçy bolýarlar. Döwçüler çöpleriň hemmesini çyzykdan çykan badyna meýdançada pytrap, awçylardan gaçyp, top bilen urdurman, pytradan çöplerini ýene-de öňküsi ýaly goýmaga synanyşýarlar. Awçylaram öz gezeginde meýdança ýaýrap, topy biri-birine oklaşyp, döwçüleri top bilen urjak bolşup we çöpleri goýdurmajak bolşup synanyşmaly. Egerde döwçüler top bilen urdurman, pytran çöpleri goýsalar, onda şol topar bir utuk gazanýar. Eger-de döwçi toparyň oýunçylarynyň biri top bilen urulsa, onda oýunçy çöpi goýmak hukugyny ýitirýär we oýundan çykarylýar. Awçy toparyň oýunçylary döwçi toparyň oýunçylaryna çöpleri goýdurman, hemme oýunçylaryny top bilen urup bilseler, onda olar bir utuk gazanýarlar we oýny täzeden başlaýarlar.

Eger-de oýny birinji başlan toparyň oýunçysy goýlan çöpleriň hemmesini topy zyňyp, çyzykdan çykaryp bilmese, onda topy zyňmak gezegi ikinji toparyň oýunçysyna berilýär. Olar hem öz gezeginde topy zyňyp, çöpleriň galanlaryny çyzykdan çykaryp bilmese, onda ýene-de gezek garşydaş toparyňky bolýar. Şeýdip, tä iň soňky çöp çyzykdan çykýança, toparlaryň oýunçylary gezekli-gezegine topy zyňyp, çöpi çyzykdan çykarmaga synanyşýarlar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Oýunçylar üçin bellenen çyzygy basman, çyzykdan daşda durup, topy zyňyp, çöpleri dörtburçlukdan çykaryp bilerler.

## DÜZME

***Oýnuň oýnaljak ýeri***. Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylary 10–15 adamdan 2–3 topara bölmek bolýar. Eger-de olaryň sany köp bolsa, toparlaryň oýunçylary biri-biriniň bilinden tutup, hatara durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady boýunça, oýny toparyň oýunçylary öňbaşçynyň yzy bilen başlaýarlar. Olar ýuwaş-ýuwaşdan ýörişlerini çaltlaşdyryp, ylgawa geçýärler. Şonuň bilen birlikde öňde barýan öňbaşçy ugruny birnäçe gezek çalt üýtgedýär. Şeýle ýagdaýa eýerip bilmän, elini goýberen oýunçy oýundan çykarylýar. Oýun wagt bilen çäklendirilýär. 3–5 minudyň dowamynda oýunda saklanyp bilen oýunçylara ýeňijiler diýilýär. Şu oýny toparlaryň arasynda bäsleşik geçirmek äheňinde oýnamak bolýar.



***Oýnuň düzgünleri:***

1. Topardaky oýunçylaryň hemmesi öňbaşçynyň hereketine eýermeli.
2. Oýun wagty öňbaşça boýun egmedik oýunçy oýundan çykarylýar.
3. Bäsleşik wagt bilen ölçelýär.
4. Haýsy topar ellerini üzmän, pellehanadan pellehana çalt gidip-gelip, ýerlerinde dursalar, şol topar ýeňiji bolýar.

# KERWEN

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar sanawaç sanaşyp, bije atyşyp, birini it saýlaýarlar. Galan oýunçylar düýe bolup, özlerine kerweni çeker ýaly kerwenbaşy belleýärler. Şondan soň düýeler kerweniň yzyndan biri-biriniň bilinden tutuşyp, meýdançanyň bir gyrasynda durýarlar. Ýarak it bolsa meýdançanyň ortasynda ýatýar. Oýna 10–15 oýunçy gatnaşýar. Meýdançada pellehanalary aňladýan iki sany garşylyklaýyn çyzyk çyzylýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen kerwen (obanyň çetinden) pellehanadan pellehana tarap ýöräp ugraýar, şol wagt meýdançanyň ortasynda ýatan ýarak it kerwene tarap okdurylýar. Kerwenbaşy öz düýelerini ite ýardyrman, ýetdirmän, tutdurman, her dürli hereketler, tilsimler edip, pellehana çenli gaçýar. It kerweniň yzyndan ylgap, düýeleri tutup, alyp galmaga synanyşýar. Eger it düýeleriň hemmesini pellehana çenli kerwenbaşydan üzüp, alyp galyp bilse, onda ilkinji aýrylan düýe it bolýar we oýun täzeden başlanýar. Egerde it kerwenbaşydan düýeleriň hemmesini aýryp bilmese, onda itligine galyp, oýun ýene-de dowam etdirilýär.



***Oýnuň düzgünleri:***

1. It diňe pellehana çenli kerweni kowalap, düýeleri alyp galyp bilýär.
2. Itiň düýelere eli degse, bölünip, alnyp galyndygydyr.
3. Alnyp galynan düýeler derrew oýundan çykarylýar.

## ALANY ÝANYNDA

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançada göni çyzygy aňladýan, birini-birinden 16–18 metr uzaklykda, uzynlygy 18–20 metr ýanaşyk (parallel) çyzyk geçirilýär. Meýdançanyň ölçegleri oýunçylaryň sanyna görä üýtgäp biler. Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar iki topara bölünýärler. Olar uzaklykdaky çyzygyň daşynda, ýagny pellehanalarda durýarlar. Her topar özüne öňbaşçy saýlaýar we bije atylyp, haýsy toparyň oýna birinji başlamalydygy bellenilýär.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýny birinji başlaýan toparyň öňbaşçysy bir oýunçyny hüjümçi belleýär. Garşydaş toparyň öňbaşçysy bolsa, bir oýunçyny goraýjy edip, meýdançanyň ortasyna çykarýar. Ýolbaşçynyň rugsady bilen hüjümçi öz pellehanasyndan beýleki pellehana go-

raýja tutdurman, gidip gelmeli. Eger-de goraýjy hüjümçä elini degrip bilse, onda şol hüjümçi olja edilip alynýar we bellenilen ýerde oturdylýar. Hüjümçiler goraýjy, goraýjylaram hüjümçi bolýarlar. Eger hüjümçi goraýja tutdurman, pellehanadan pellehana gidip gelse, onda goraýjylaryň bir oýunçysy olja edilip berilýär. Ol hem ýörite bellenen ýerde oturdylýar. Oýny hüjümçiler dowam etdirýärler. Oýnuň netijesinde haýsy topar köp olja alsa, şol topar ýeňiji bolýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Hüjümçä oýun meýdançasynyň çäginden çykmak bolmaýar.
2. Eger hüjümçi goraýjydan gaçyp, meýdançadan çyksa, onda ol olja edilip alynýar.

## GUÝRUK TUTDY

***Oýnalýan ýeri.*** Sport meýdançasy ýa-da sport öýi.

***Taýýarlyk.*** Bu oýna 10-dan 40-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Olardan birini möjek saýlaýarlar. Ol tegelegiň merkezinde oturyp, ýalandan uklan bolýar.

***Oýnalyş täri.*** Oýunçylar tegelekden ýöräp, haýsy-da bolsa bir aýdyma hiňlenýärler. Soňra tegelegi gysyp, möjege golaýlaşýarlar we oňa degmäge çalyşýarlar. Möjek duýdansyz bökýär. Oýunçylar gorkup, dürli tarapa gaçýarlar. Möjek bolsa kimem bolsa birini tutmaga çalyşýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Tutulan oýunçy möjekden gaçmaly däl.
2. Tutulandan soň ol möjek bolýar.

***Oýnuň terbiýeçilik ähmiýeti we onuň geçiriliş usulyýeti.*** Oýun sahna häsiýetli bolup, ýaşlar tarapyndan oýnalýar. Oýun syncylygy, ünslüligi, çalasynlygy ösdürmäge ýardam berýär. Oýunda esasy hereketler sazlaşykly ýöremek we çalt ylgamak bolup durýar. Möjege oýundan çykýan birnäçe oýunçyny tutmaga mümkinçilik berip, şonuň netijesinde möjekleriň arasynda has köp oýunçylary tutany başarjaň, çalasyn hasaplap bolýar. Oýnuň ahyrynda bir gezek hem tutulmadyk oýunçylary bellik etmeli. Oýunçylaryň sany köp bolan halatynda 2–3 tegelekli oýny gurap bolýar. Bu bolsa işjen hereketligi ösdürer.

## ORTADA DURMAK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançada biri-birinden 20–30 metr uzaklykda iki sany garşylyklaýyn çyzyk geçirilýär. Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar sanawaç sanaşyp, bije atyşyp, bir oýunçyny goraýjy saýlaýarlar. Galan oýunçylar hüjümçi bolýarlar. Olar bir çyzygyň daşynda ýerleşýärler, goraýjy bolsa iki çyzygyň ortasynda durýar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçy oýny başlamaga rugsat bereninden soň, hüjümçiler ýeke-ýekeden yzly-yzyna sapalak atyp, goraýja tutdurman, beýleki çyzyga baryp gelmäge synanyşýarlar. Goraýjy hem öz gezeginde gaçyp barýan hüjümçileriň birini tutjak bolýar. El degrilip, tutulan hüjümçi goraýjy bolýar we oýun täzeden başlanýar. Eger goraýjy hüjümçileriň hiç haýsyny tutup bilmese, onda ol goraýjylygyna galýar we oýun dowam edýär.

***Oýnuň başga görnüşlerinde aşakdaky ýaly hem bolup biler:***

1. Goraýjy çyzykdan çyzyga çenli gaçyp barýan hüjümçileriň birnäçesini tutup biler. Iň soňky tutulan goraýjy bolýar.
2. Eger-de oýunçylaryň sany kän bolsa, onda ortada 2–3 goraýjy bellemek bolýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. El degrilen hüjümçiler tutuldygy hasap edilýär.
2. Goraýjy hüjümçini çäklendirilen meýdançada tutup biler.

## PIŞIK – PIŞIK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun ygalsyz günler sport meýdançalarynda, ygally günler sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30 oýunçy gatnaşyp, bir tegelek bolup durýarlar. Olar bije atyşyp, birini ene, ýene birini bolsa pişik edip belleýärler.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ene tegelekdäki çagalaryna ýüzlenip: "Men bazara gidýän, süýdi pişikden goraň" diýip tabşyrýar. Soňra ol çagalardan daşlaşyp, oýunçylar görmez ýaly, olara arkasyny öwrüp durýar. Şol wagt pişik tegelege girip süýdi içýär (süýdi içen ýaly hereket edýär). Soňra pişik oýunçylaryň biriniň arkasynda gizlenýär. Ene bazardan gelip, süýdi tapmansoň, çagalardan: "Süýdi kim içdi?" diýip soraýar. Çagalaryň hemmesi bilelikde: "Pişik içdi" diýşip jogap berýärler. Ene pişigiň gözlegine çykýar we ony tapyp kowalaýar. Çagalar hem biri-bi-

rine gysylyşyp durup, pişigi tutaýsalar, ony enelerine berýärler. Şondan soň täzeden enäni we pişigi saýlap, oýny dowam etdirýärler.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylar pişigi elleri bilen tutmaly däl, diňe tegelekde gysylyşyp, göwreleri bilen oňa päsgel bermeli.
2. Ene gözleýän, kowalaýan pişigini diňe tegelegiň çäginde tutup biler.

## PARRAN

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin ýaglykdan ýa-da ýumşak matadan işilen bir sany guşak gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar biri-birine elleri ýetmez ýaly aralykda tegelenişip oturýarlar. Oýunçylar öz aralarynda bijäniň ýa-da sanawaçlaryň esasynda guşakçy saýlaýarlar. Guşakçy eli guşakly tegelenip oturan oýunçylaryň ortasynda durýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ortada duran guşakçy bir zadyň adyny tutup: “Uçdy” diýýär. Mysal üçin: “Garga uçdy”, “Serçe uçdy”, “Jaý uçdy” we. ş.m. Eger-de ady tutulan zat uçýan bolsa, onda hemme oýunçylar ellerini ganat ýaly galgadyp, ýerinden galýarlar we onuň uçýandygyny aňladýarlar. Eger-de uçmaýan zadyň ady tutulsa (jaý uçdy), onda oýunçylar gozganman oturýarlar. Kim-de kim ýalňyşsa, onda ol ýerinden turup, oýunçylaryň daşyndan ylgap, aýlanyp gelip, ýerinde oturýar. Şol wagt ortada duran guşakçy ylgap barýan oýunçynyň yzyndan kowalap, guşak bilen urmaga synanyşýar. Eger-de guşakçy ylgap barýan oýunçynyň yzyndan ýetip, guşak bilen ursa, onda olar ýerlerini çalyşýarlar. Eger-de ýetip bimese, onda oýun dowam edýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylaryň hemmesi guşakçynyň aýdan sözleriniň manysyna degişli hereket etmelidirler.
2. Guşakçy ýalňyşyp, ylgap barýan oýunçyny öz ýerinde oturmanka, guşak bilen urmaga haky bardyr.



## GUŞAKGOÝDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýny sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnamak bolýar. Oýny oýnamak üçin degende tenini agyrtmaz ýaly, gowşak işilen guşak gerekdir.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, birini guşakçy edip saýlaýarlar. Galanlary bolsa biri-birlerinden bir ädim uzaklykda tegelenişip, tegelegiň içine seredip, çommalyp oturýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen guşakçy elindäki guşak bilen oturanlaryň daşyndan aýlanyp başlaýar. Guşagy haýsy hem bolsa bir oýunçynyň arkasynda duýdurman goýýar-da, oturanlaryň daşyndan aýlanmagyny dowam etdirýär. Guşakçy öwrülip gelýänçä, oýunçy arkasynda goýlan guşagy duýmasa, onda guşakçy ony

goýlan guşak bilen bir gezek urup, guşagy gapdala zyňyp goýberýär we tegelegiň daşyndan ylgap, guşak goýlan oýunçynyň ýerini eýelemäge synanyşýar. Guşak bilen urlan oýunçy zyňlan guşaga tarap ylgap, guşagy alyp, öňki guşakçynyň yzyndan ylgap ýetmäge we guşak bilen urmaga synanyşýar. Eger-de yzyndan ylgap ýetip, guşak bilen urup bilse, onda öňki guşakçy guşakçylygyny dowam etdirýär. Eger-de ýetip bilmese, onda ol guşakçy bolýar. Eger-de oýunçy yzynda guşak goýlanyny duýaýsa, onda guşagy alyp, guşakçynyň yzyndan ylgaýar. Ol öz ýerine guşakçy geçip oturýança ýetse, onda ony guşak bilen urýar we öňki guşakçy ýene-de guşakçylygyna galýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylara yzyna seretmek we yzynda guşak goýlan oýunça bu barada duýdurmak bolmaýar.
2. Guşak bilen urlanda agyrtmaz ýaly, ol gowşak işilen bolmaly.
3. Oýunçylaryň ýagyrnysyndan başga ýerine urmak bolmaýar.
4. Eger oýunçylaryň biri “arkamda guşak goýuldy” diýip, bilmän tursa, yzyna gaňrylyp seretse we ş. m. hereket etse, ol guşakçy bolýar.



# TOR

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30 we ondanam köp oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, bir oýunçyny balykçy saýlaýarlar, galan oýunçylar bolsa balyk bolýarlar. Meýdançanyň ölçegleri oýunçylaryň sanyna görä bolup, deňzi ýa-da derýany göz öňünde tutup araçäklemeli. Balykçy meýdançanyň ortasynda durýar, galan oýunçylar (balyklar) bolsa meýdançanyň bir gyrasynda ýerleşýärler.




***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen balyklar suwda ýüzüp başlaýarlar. Şol wagt balykçy olaryň birini tutmaga synanyşýar. Balykçynyň tutan oýunçysy balykça kömekçi bolýar. Ol ikisi biri-biriniň elinden tutup, balyklary kowalap, ýeke-ýekeden tutup, özlerine kömekçi edip, “tor” emele getirýärler. Şeýdip, tutan balyklaryny

tora goşup, balyklaryň hemmesini tor bilen tutýarlar. Iň soňky tutulan balyk balykçy bolýar we oýun täzeden dowam edýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Balykçy balyklary çäklendirilen ýerde tutup biler.
2. Tordaky oýunçylar ellerini biri-birinden üzmän, balyklary ýeke-ýekeden tutmalydyrlar. Eger olar balyklary ellerini biri-birinden üzüp tutsalar, onda balyklaryň tutuldygy däldir.

## ÝAGLYGA TOWUSMAK

Has ýokarlygyna bökmäge ukyplylaryň ýaryşyna kimiň tomaşa edesi gelenok? Ine, bu ýaryşa hem türkmenler ýaglyga towusmak diýip at berýärler.

***Oýnalýan ýeri, oňa gerek tükellemeler.*** Sport meýdançasy ýa-da sport öýi. Dürli reňkli ýaglyklar.



***Taýýarlyk.*** Oýunçylar sany we güýji boýunça iki topara bölünýärler. Meýdançanyň ortasynda dürli beýiklikde birnäçe reňkli ýaglyklar asylýar. Oýunçylaryň esasy maksady has ýokarda ýerleşýän ýaglygy towsup almak bolup durýar. Oýunçy has ýokarda ýerleşýän ýaglygy alanda 3 ball, ortada ýerleşýän ýaglygy alanda 2 ball, aşakda ýerleşýän ýaglygy alanda bolsa 1 ball gazanýar.

***Oýnalyş täri.*** Toparlar gezekli-gezegine towusmak bilen ýaglygy almaga çalyşýarlar. Has köp ball gazanan topar ýeňiji hasaplanylýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Her oýunçynyň bir synanyşyga hukugy bar.
2. Oýunçy böküp, ýaglygy alyp bilse, ol onuňky hasaplanylýar.

3. Oýunçy ýaglyga el degrip bilmese ýa-da ony alyp bilmese, onuň yz ýanynda nobatda garaşyp duran ylgaýar we ýokary bökýär.

***Oýnuň terbiýeçilik ähmiýeti we onuň geçiriliş usulyýeti.*** “Ýaglyga towusmak” gadymy türkmen halk oýny bolup, ol häzirki zaman türkmen toýlarynyň we döwletimizde geçirilýän ähli baýramçylyklaryň bezegi bolup durýar. “Ýaglyga towusmak” sportuň milli görnüşidir. Oýunda beýiklige bökmek, ylgamak endikleri ösdürilýär, dostluk, ýoldaşlyk duýgulary kämilleşdirilýär.

## URUP GAÇDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30 oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Meýdançada uzynlygy 20–30 metrlikde garşyma-garşy iki çyzyk çyzýarlar. Her topar öz tarapyndaky çyzygyň daşynda biri-birlerine ýüzbe-ýüz durýarlar. Iki çyzygyň ortasynda meýdançany ikä bölýän ýene bir çyzyk çyzýarlar. Bije atyşyp, haýsy toparyň oýna birinji başlaýanlygy kesgitlenilýär.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýny birinji başlaýan topar, hüjümçi, beýleki topar goraýjy bolýar. Ýolbaşçynyň rugsady bilen, oýny birinji başlaýan toparyň bir oýunçysy (öňbaşçynyň görkezmesi bilen) garşydaş toparyň oýunçylarynyň ýanyna ylgap baryp, bir oýunçynyň eline urup, yzyna gaçyp, özüni goraýjy toparyň oýunçysyna tutdurman, ýerine geçip durmaga synanyşýar. Eline urduran oýunçy uran oýunçynyň yzyndan ylgap, orta çyzyga çenli ýetip, tutmaga synanyşýar. Eger eline urlan oýunçy ony orta çyzyga çenli tutup bilse, onda tutulan oýunçy oýundan çykyp oturýar we oýny başlamaga hukuk gazanýar. Eger-de ony tutup bilmese, onda onuň özi oýundan çykyp oturýar we oýun täzeden dowam edýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. El degrilen oýunçy tutuldygy hasap edilýär.
2. Meýdançanyň orta çyzygyna çenli tutmak bolýar.
3. Goraýyş toparyň oýunçylary ellerini öňe uzadyp durmalydyrlar.
4. Hüjümçi toparyň oýunçysy goraýjy toparyň islendik oýunçysynyň eline urup biler.
5. Oýnuň netijesinde haýsy toparyň oýunçysynyň sany az bolsa ýa-da oýunçysy gutarsa, şol toparyň ýeňildigi hasaplanýar.

## ÇOPAN BILEN MÖJEK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10-dan 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, möjegi we çopany saýlaýarlar. Galan oýunçylar çopanyň goýunlary bolýarlar. Hemme oýunçylar çopanyň yzynda biri-biriniň bilinden tutuşyp, meýdançanyň bir gyrasynda durýarlar. Möjek bolsa meýdançanyň ortasynda durýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen möjek çopana ýüzlenip: “Etek-etek almam bar” diýýär. Onda çopan oňa: “Süri-süri goýnum bar” diýip, jogap berýär we möjekden: “Almaňdan dadyraý!” diýip soraýar. Onda möjek çopana: “Bir alma bir goýun çalşaly” diýip, teklip edýär. Çopan oňa: “Ýok” diýip razylaşanok. Şondan soň: “Bir goýny

aljak" diýip, sürüsine topulýar. Çopan hem oňa: "Hany, aljak bolubam gör!" diýip, möjege garşylyk görkezip başlaýar. Möjek her dürli hereket edip, sapalak atyp, goýunlaryň düzüminiň iň soňkusyny tutmaga synanyşýar. Goýunlaram oňa tutdurmajak bolşup, saga-sola hereket edýärler. Eger möjek goýunlaryň düzüminiň iň soňkusyny tutup bilse, onda olar ýerlerini çalyşýarlar we oýun täzeden dowam edýär.



***Oýnuň düzgünleri:***

1. Çopan goýunlary möjekden diňe elini gerip, gorap biler.
2. Mümkin boldugyça oýunçylary möjegiň, çopanyň we düzümiň iň soňky oýunçysynyň ornunda bolar ýaly edip oýnatmaly.

## SÜŇK – SÜŇK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Göz daňar ýaly arassa ýaglyk gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10–15 oýunçy gatnaşyp, bir tegelege düzülip oturýarlar. Eger oýunçylaryň sany köp bolsa, onda oýny 2–3 tegelekde geçirmek bolýar. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, oýna öňbaşçy saýlaýarlar. Öňbaşçy oýunçylardan 5–6 metr daşlykda

oýunçylara tarap arkan durýar. Tegelekde oturan oýunçylar bolsa özlerine goýnuň süňkleriniň biriniň adyny belleýärler (mysal üçin, injik).

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýun ýolbaşçynyň rugsady bilen başlanýar. Öňbaşçy yzyna öwrülmän, goýnuň islendik süňküniň adyny tutýar. Eger tegelekde oturan oýunçylaryň arasynda öňbaşçynyň adyny tutýan süňküni (injik) bellän oýunçy bar bolsa, onda ol ýerinden turup, öňbaşçynyň ýanyna barýar. Öňbaşçy oýunçylara tarap öwrülip, onuň gözüni ýaglyk bilen daňýar we birnäçe gezek saga ýa-da çepe tarap duran ýerinden pyrlaýar. Şondan sol ol tegelenip oturan oýunçylary gözlemäge ugraýar. Gözi daňlan oýunçy tegelenip oturan topary tapyp bilse, onda oýun öňküsi ýaly dowam edýär. Eger gözi daňlan oýunçy ugruny ýitirip, köp wagtlap tapyp bilmese, onda oýun saklanyp, öňbaşçy bilen ýerini çalşyp, oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Tegelenip oturan oýunçylar ümsümligi saklamalydyr.
2. Eger-de gözi daňlan oýunçy ugruny ýitirip, daşa gitse, onda tegelenip oturan oýunçylardan biri oturan ýerlerini aňdyrman onuň daşa gidenini duýdurýar.



# ELEK – ÇELEK

Gyzlar üçin hödürlenýän oýun.

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20-den 30-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Bije atyp, sanawaç sanap, oýunçylar iki topara bölünýärler. Her topar özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Meýdançada uzynlygy 10–15 metrlikde garşyma-garşy iki çyzyk çyzylýar. Her topar öz tarapyndaky çyzygyň daşynda çommalyp, toparlar biri- birlerine ýüzbe-ýüz oturýarlar. Her toparyň öňbaşçysy öz oýunçylaryna şaý-seplere degişli lakamlar (atlar) dakýarlar. Şondan soň öňbaşçylar "Dähedem-dessem" edip, haýsy toparyň oýny birinji başlamalydygyny kesgitleýärler.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbasçynyň rugsady bilen oýna birinji başlaýan toparyň öňbaşçysy ýeke aýagynda bökjekläp, beýleki toparyň öňbaşçysynyň ýanyna baryp: "Gelnejem - gelnejem, aglap otyr, ýaşmajygyny baglap otyr, bir dilimjik gawun beräý!" diýip ýüzlenýär.

Beýleki toparyň öňbaşçysy bolsa oňa hiç zat bermän: “Bar git” diýip, yzyna gaýtarýar. Yzyna gaýtarylan öňbaşçy lapy keç bolup, öz toparyna tarap ýöreýär. Ol öz toparyna ýetip-ýetmänkä, ikinji toparyň öňbaşçysy rehimlik edip, yzyna “geläý-geläý” diýip çagyrýar we islän gawunyny saýlamaga rugsat berýär. Şondan soň birinji toparyň öňbaşçysy çommalyp oturan ikinji toparyň oýunçylarynyň kellesine pitikläp, haýsysynyň bişendigini saýlap alýar. Şol oýunçynyň arkasyna geçip, onuň gözüni eli bilen ýapýar. Şondan soň ol: “Elek-çelek, miwe gerek, gelsin bilezik” diýip, öz toparynyň oýunçylarynyň biriniň şaý-seplerden (bilezik) dakylan lakamyny tutup çagyrýar. Lakamy tutulan oýunçy ýuwaşlyk bilen garşydaş topardaky gözi ýapylan oýunçysyna tarap ýöreýär. Ikinji toparyň oýunçylary bolsa çagyrylan garşydaş toparyň oýunçysynyň ýörişini, boýuny, eşigini, gylyk-häsiýetini we ş.m. söz bilen şekillendirýärler. Çagyrylan oýunçy gözi ýapylan oýunçynyň kellesine elini degrip, yzyna öz toparyna baryp, hemme oýunçylar bilen bilelikde garşydaş topardan öwrülip, çommalyp oturýarlar we ellerini ýere urup: “Mamam çörek bişirdi” diýip, tä gözi ýapylan oýunçy gelýänça gaýtalaýarlar. Birinji toparyň oýunçylary öwrülip oturanlaryndan soň, gözi ýapylan oýunçynyň gözi açylýar. Soňra ol garşydaş oýunçylarynyň ýanyna baryp, arka tarapynda gezmeläp, haýsy oýunçynyň kellesine el degrip gaýdanyny bilmäge synanyşýar. Eger el degren oýunçyny tanasa, onda tanalan oýunçyny öz toparyna alyp gidýär we oňa täzeden şaý-seplerden lakam dakýarlar. Olara bir utuk berlip, oýna täzeden başlamaga hukuk berilýär. Eger-de tanap bilmese, onda özi şol toparda galýar we oňa hem täzeden lakam dakylýar. Özüni tanatmadyk oýunçynyň toparyna bir utuk berilýär we oýny täzeden başlamaga hukuk berilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýny birinji başlaýan toparyň oýunçysy, garşydaş toparyň oýunçylarynyň ýanyna barýança, ýeke aýakda bökjekleýär.
2. Oýunçylaryň kellesine ýuwaşlyk bilen pitiklemeli.
3. Oýunçylar özlerine dakylan lakamlaryny ýatda berk saklamalydyrlar.

## KYRK GÖJEK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin palçykdan ýasalan 40 sany göjek gerek. Göjekleri ýygnap salar ýaly göjek haltajygy gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30 oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki topara bölünýärler we her topar özüne öňbaşçy saýlaýar. Oýnuň ýolbaşçysy, öňbaşçylar we oýunçylar özara maslahatlaşyp, meýdançanyň ölçeglerini kesgitleýärler we iki garşydaş çyzyk çyzyp, pellehanalary belleýärler. Birinji pellehanada iki toparyň hem oýunçylary çyzygyň daşynda durýarlar. Ikinji pellehanada bolsa 40 sany göjegi biri-birinden deň aralykda hatara düzüp goýýarlar. Şondan soň toparlaryň öňbaşçylary özara bije atyşyp, haýsy toparyň pellehanadan pellehana ylgap gelmelidigini, haýsy toparyň hem göjekleri ýeke-ýekeden haltajyga toplamalydygyny kesgitleýärler.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen öňbaşçylaryň görkezmesi esasynda her topardan bir oýunçy birinji pellehanadan ikinji pellehana tarap ylgaýar. Bijede kesgitlenişi ýaly, bijesi utan toparyň oýunçysy ikinji pellehana baryp, yzyna gaýdyp gelýär. Beýleki toparyň oýunçysy bolsa ikinji pellehana baryp, düzülen göjekleri ýeke-ýekeden haltajyga toplamaly. Eger göjekleri haltajyga toplaýan oýunçy beýleki oýunçynyň pellehanadan pellahana baryp gelýänçä, göjekleri toplap ýetişse, onda onuň ýeňdigi hasaplanýar we öz toparyna bir utuk getirýär. Eger-de toplap ýetişmese, onda beýleki toparyň oýunçysynyň ýeňdigi we toparyna bir utuk getirýär. Oýnuň netijesinde haýsy toparyň oýunçylary köp utuk gazansa, şol topar ýeňiji bolýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Göjekleri toplaýan oýunçy her göjegi alanda bir gezek eglip galmaly.
2. Oýun oýnaljak bolnanda göjek ýok bolsa, ikinji bir gabyl zady göjegiň deregine ulanyp bolar.

## JEMILE

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin göwrümi uly bolmadyk bir sany rezin top, başam barmakdan ýogyn bolmadyk uçlary kütek, uzynlygy bir garyş bolan 7 sany çöp we bir bölek hek gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30 oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar iki deň topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Meýdançanyň ortasynda, her ýapragy bir metrden kiçi bolmadyk 6 ýaprakly tegelek gülüň şekilini çyzmaly. Gülüň ortasynda çöpleri üçburçluk görnüşinde düzüp goýmaly. Ortaky gülüň bir çetinden iki ädimlikde pellehana belläp, çyzyk çyzmaly, gülüň beýleki garşydaş tarapynda bäş ädimlikde hem pellehana bellenip, çyzyk çyzylýar. Toparlaryň öňbaşçylary bije atyşyp, haýsy toparyň oýny birinji başlamalydygyny kesgitleýärler. Oýny birinji başlaýan topar hüjümçi bolup, gülden bäş ädimlik pellehanada durýar. Beýleki topar bolsa goraýjy bolup, gülden iki ädimlik pellehanada durýar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen hüjümçi toparyň oýunçylary pellehanadan çyzygy basman, topy zyňyp, gülüň ortasynda dikilen çöpleri pytratmaga synanyşýarlar. Eger-de topy birinji zyňan oýunçy çöpleri pytradyp bilmese, onda şol toparyň oýunçylary gezekli-gezegine topy zyňyp, tä çöpleri pytradýança, top zyňmany dowam edýärler. Hüjümçileriň hemmesi topy zyňyp, çöpi pytradyp bilmeseler, onda goraýjylar hüjümçi, hüjümçilerem goraýjy bolup, ýerlerini çalşyp, oýny täzeden başlaýarlar. Eger hüjümçiler topy zyňyp, çöpleri pytratsalar, onda olar meýdançanyň içine dargaýarlar. Goraýjylar bolsa zyňlan topy alyp, biri-birine oklaşyp, hüjümçileri top bilen urmaga synanyşýarlar we çöpleri gülüň ýapragyna düzdürmejek bolýarlar. Hüjümçiler meýdançada pytrap, özlerini goraýjylara top bilen urdurman, pytradan çöpleriniň 6-syny ýeke-ýekeden gülüň ýapraklarynda, birini bolsa gülüň ortasynda goýmaly. Eger hüjümçiler özlerini top bilen urdurman, çöpleri ýerbe-ýer goýsalar, onda öňbaşçynyň ýolbaşçylygynda hemmesi “Jemile düzüldi” diýip, bege-

nişip, el çarpyşyp, öz pellehanalaryna ýygnanýarlar we oýun täzeden başlanýar. Eger goraýjylar çöpler düzülmänkä, meýdançada pytran hüjümçileri top bilen urup bilseler, onda goraýjylar hüjümçi, hüjümçilerem goraýjy bolýarlar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Hüjümçileriň çöpleri pytratmak üçin zyňan topuny goraýjylar tutup, hüjümçilere bermeli.
2. Hüjümçiler pytran çöpleri gülüň ýapraklaryna goýanyndan soň, goraýjylaryň hüjümçileri top bilen urmaga haky ýokdur.

## AGSAK TOWUK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.



***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançada 30–40 metr aralykda garşylyklaýyn iki çyzyk çyzylyp, pellehana bellenilýär. Oýunçylaryň sany 30–40 we ondanam köp bolup biler. Olar iki topara bölünýärler. Toparyň oýunçylary üç-üçden bölünişýärler. Her üçlükde iki oýunçy biri-biriniň elinden tutýar. Üçünji oýunçy bolsa olaryň tutluşan elleriniň üstüne bir aýagyny atýar we dyzyndan epläp, aşak sallaýar, beýleki aýagy ýerde durýar. Ortaky oýunçylar ellerini iki gapdalky oýunçylaryň eginlerinde goýýarlar. Her toparyň üçlükleri garşylyklaýyn geçirilen çyzyklaryň (pellehananyň) daşynda taýýar bolup durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen her toparyň oýunçylarynyň bir üçlügi pellehanadan pellehana tarap ylgaýar. Üçlügiň ortanjy oýunçysy agsak towuk bolup, ol ýere degýän bir aýagy bilen böküp gidýär. Haýsy toparyň oýunçylarynyň üçlügi pellehananyň çyzygyndan ilkinji bolup geçse, şol toparyň üçlügi ýeňýär we olara bir utuk san berilýär. Toparlaryň haýsysy köp utuk san gazansa, şol toparyň oýunçylary ýeňiji bolýarlar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Eger ortaky oýunçynyň iki aýagy hem ýere degse, onda şol üçlük ýeňýär.
2. Oýun ikinji gezek gaýtalananynda, ortaky oýunçy çetki oýunçylaryň biri bilen çalşyrylmalydyr.

## AGSAK DURNA

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde geçirilýär.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 30-dan 40-a çenli oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar öz aralarynda iki sany öňbaşçyny saýlaýarlar. Öňbaşçylar oýunçylary biri-biri bilen azaşdyryp, güýji deňräk iki topara bölýärler. Oýnaljak meýdançada arasy 20–25 metrlikde iki sany çyzyk çyzylýar. Iki topar hem biri-biriniň garşysynda çyzygyň daşynda, bir aýagyny epläp, uýlugyna çekip, ony bir eli bilen tutup, oýna bir aýakda bökjekläp, taýýar bolup durýar. Eger uýluga çekilen sag aýak bolsa, onda ony çep eli bilen tutmaly we tersine.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen toparlaryň oýunçylary bir aýakda çyzyklaryň çäklerinde bökjekläp, biri-birlerine ýakynlaşýarlar. Soňra olar has ýakynlaşyp, biri-biriniň eginleri bilen itişýärler we iki aýagyň üstünde duruzmaga synanyşýarlar. Iteleşikde her oýunçy öz garşydaşyny uýluga çekilen aýagynyň üstünde duruzmaga synanyşýar. Iteleşikde haýsy oýunçy uýluga çekilen aýagyny ýere degirse, onda ol oýunçy oýundan çykýar. Üstün çykan oýunçy öz öňbaşçysyny goramaga çalyşýar we garşydaş toparyň öňbaşçysynyň üstüne hüjüm edýär. Ýeke aýakda iteleşigiň hetijesinde haýsy öňbaşçynyň uýluga çekilen aýagy ilki ýere degse, şol toparyň utuldygy hasap edilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Bu oýunda öňbaşçy saýlananda, onuň güýçlüligini, çydamlylygyny, ugurtapyjylygyny, ýeke aýakda köp wagtlap bökjekläp durup bilýänligini, birnäçe oýunçylaryň garşysyna çykyp biljekligini göz öňünde tutmalydyrlar.
2. Eger oýunçy bir aýagynyň üstünde bökjekläp ýadasa, oňa beýleki aýagyna geçmäge rugsat edilýär.
3. Oýunçylar diňe eginleri bilen iteleşip bilerler.

***Şu oýnuň beýleki görnüşinde.*** Öňbaşçylaryň görkezmesi bilen her toparda bir oýunçy ýeke aýakda bökjekläp, meýdançanyň ortasynda eginleri bilen itekleşýärler. Ýeňlen oýunçy oýundan çykýar. Şeýdip, her toparyň oýunçylarynyň birini meýdançanyň ortasyna çykaryp, oýny dowam etdirýärler we netijede, haýsy toparyň oýunçysynyň sany köp bolsa, şol toparyň utdugy hasap edilýär.

## URAN – URDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde geçirilýär. Oýny oýnamak üçin göwrümi uly bolmadyk bir sany ýumşak rezin top gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna islendik sandaky oýunçylar gatnaşyp bilerler. Oýunçylar öz arasynda bir oýunçyny topy ilkinji gezek "Gök" bermäge saýlaýarlar. Topy "Gök" berýän oýunçy meýdançanyň ortasynda eli toply durýar. Galan oýunçylar hem topy "Gök" berýän oýunçynyň töwereginde durýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen topy „Gök“ berýän oýunçy elindäki topy 2–2,5 metr ýokarlygyna oklap, gapyp, beýleki oýunçylara gaçmaga maý berýär. Beýleki oýunçylar pursatdan peýdalanyp, meýdançanyň içine ýaýraýarlar. Topy „Gök “ beren oýunçy bolsa oklan topuny gapyp, haýsy hem bolsa bir oýunçyny top bilen urmaga synanyşýar. Eger zyňlan top bir oýunça degse, onda topy zyňan oýunça bir utuk san berilýär. Eger-de zyňlan top oýunça degmese, onda haýsy oýunçy topa golaý bolsa şol hem topy alyp, özüne ýakyn duran oýunça çenäp zyňýar. Beýleki oýunçy özüne zyňlan topy gapyp ýa-da onuň öňünden sowlup biler. Eger oýunçy özüne zyňlan topy gapyp bilse, onda oňa hem bir utuk san berilýär we topy bir oýunça çenäp zyňmaga hukuk gazanýar. Oýnuň netijesinde haýsy oýunçy köp utuk san gazansa, şol oýunçy ýeňiji hasaplanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Eli toply oýunçy beýleki oýunçylary kowalap, top bilen urmak gadagan.
2. Eli toply oýunçy duran ýerinden ýa-da iki ädimden soň, topy oýunça çenäp, zyňyp biler.
3. Eli toply oýunçy beýleki oýunçyny kowalap, top bilen ursa, onda oňa jerime san berilýär.

## AWÇYLAR WE ÖRDEKLER

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin bir sany göwrümi uly bolmadyk rezin top ýa-da woleýbol topy gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 30–40 oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, deň iki topara bölünýärler we haýsy toparyň “awçy” ýa-da “ördek” bolmalydygy kesgitlenilýär. Meýdançada adam sanyna görä, “köli” aňladýan tegelek ýa-da dörtburçluk çyzyk çyzylýar. Awçy toparyň oýunçylary kölüň daşynda deň aralygy saklap, çyzygy basman durýarlar. Ördek toparyň oýunçylary bolsa kölüň içine pytraýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçy awçy toparyň oýunçysyna topy berip, oýny başlamaga rugsat edýär. Şondan soň awçy toparyň oýunçylary topy öz oýunçylaryna oklaşyp, amatly pursatdan peýdalanyp, ördek toparyň oýunçylaryny top bilen urup, oýundan çykarmaga synanyşýarlar. Ördek toparyň oýunçylary bolsa kölüň çäginden çykman, islendik tarapa ylgap, dürli hereketler edip, awçylara top bilen urdurmajak bolýarlar. Top bilen urlan oýunçy oýundan çykýar. Oýun awçylaryň ördek toparynyň oýunçylarynyň hemmesini top bilen urup çykarýança, dowam edýär. Soň oýnaljak ýer we oýunçylar orunlaryny çalyşýarlar we oýun täzeden başlanýar. Oýun wagt bellenip hem oýnalýar. Haýsy topar ördekleri çalt awlan bolsa, şol topar hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Awçylar duran ýerlerinden çyzygy basman, topy ördeklere çenäp zyňyp ýa-da biri-birlerine oklaşyp bilerler.
2. Awçynyň zyňan topy, ýere degmän, ördege göni degse, onda ol oýundan çykýar. Eger-de top ýere degip, soň ördege degse, ol hasap edilmeýär.
3. Kölüň çäginden çykan ördek uruldy hasap edilip, oýundan çykarylýar.

## TOPARGAÇDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin bir sany rezin topy (tennis topy) we uzynlygy 1 metre golaý taýak gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 18-den 22-ä çenli jübüt sanly oýunçy gatnaşyp biler. Olar bije atyşyp, iki topara bölünýärler. Eger oýunçylaryň sany köp bolsa, onda olar üç topara bölünip bilerler. Her topar özlerine öňbaşçy saýlaýar we toparlaryň oýnaýyş tertibini kesgitläp, haýsy toparyň oýny ilki başlaýanlygyny belleýär. Şondan soň toparyn öňbaşçylarynyň umumy ylalaşygy bilen pellehanalaryň çäkleri kesgitlenýär we çyzyklar çyzylýar. Her pellehananyň çyzyklarynyň çep gyrasynda 1,5 metr, iç ýüzünde giňligi 2 metrlik tegelek çyzylýar. Oýny birinji başlaýan toparyň oýunçylary birinji pellehananyň çyzygynyň daş ýüzünde durýarlar. Oýny ikinji başlaýan toparyň bir oýunçysy topçy bolup, birinji pellehanada top oklamak üçin galýar. Beýleki oýunçylar bolsa pellehanadan daşlykda oýna syn edip, öz gezeklerine garaşyp durýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen oýunçylar nobatma-nobat hersi bir gezek topçynyň oklaýan topuny taýak bilen meýdança tarap urýar. Öz urma nobatyny geçiren oýunçy pellehananyň iç ýüzündäki tegelege girip durýar. Urgy nobaty iň soňky oýunça geleninde tegelekdäki oýunçylar birinji pellehanadan ikinji pellehana tarap ylgamaga taýýar bolup durýarlar. Iň soňky oýunçynyň salan taýagy topa degse-degmese, taýagy taşlaman, tegelekdäki oýunçylar bilen bilelikde ikinji pellehana tarap ylgaýarlar. Topy oklaýan oýunçy öz gezeginde urlan topuň yzyndan ylgap, topy alyp, pellehanadan pellehana tarap ylgap barýan oýunçylara zyňyp, olaryň birini urmaga synanyşýar. Eger ol top bilen bir oýunçyny urup bilse, onda onuň topary oýna täzeden başlaýar. Eger oňa top bilen urmak başartmasa, onda oýny ýene-de şol öňki topar ikinji pellehanadan dowam etdirýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Topy urýan oýunçy taýagy bilen topy meýdança tarap urup bilse, onda ol öz toparyna bir utuk san getirýär.
2. Topy urýan oýunçynyň salgan taýagy topa degmese, onda topy urmak gezegini geçirdi hasap edilýär.

3. Topy urýan oýunçylar pellehanadaky we tegelegiň daşyndaky çyzyklary basmaly däldirler.
4. Eger topy urýan oýunçylaryň biri çyzygy basyp dursa, top oklaýan oýunçy, ony top bilen uraýsa, urlan oýunçynyň topary top urmak gezegini geçirdi hasap edilýär we oýny ikinji başlaýan toparyň oýunçylary oýny täzeden başlaýarlar.
5. Topy oklaýan oýunçy her urlan topuň yzyndan ylgap, topy alyp, ýene-de öz ýerine gelmeli.
6. Topy oklaýan oýunçy topa ellerini degirmeli däldirler. Eger olaryň biri ýalňyşyp, topa elini degräýse, onda şol toparyň bir utuk sany kemelýär.

## ÝARANYMA – ÝARANYM

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde geçirilýär.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýun üçin aralygy 20–30 metrlikde iki sany çyzyk çyzylyp, pellehanalar bellenilýär. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, deň iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Öňbaşçylar üçin meýdançanyň ortasynda ýörite ýer bellenilýär. Her topar bellenen pellehananyň çyzygynyň daşynda garşydaş toparyň oýunçylary bilen ýüzbe-ýüz bolup, hatara durýarlar. Öňbaşçylar bolsa ortada bellenen ýere geçýärler. Öňbaşçylar öz aralarynda bije atyşyp, oýny kimiň başlamalydygyny belli edýärler. Şondan soň öňbaşçylar sorajak zatlary barada ylalaşýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen bijesi çykan toparyň öňbaşçysy oýny başlaýar. Ol öz oýunçylaryna ýüzlenip: “Ýaranyma-ýaranym” diýýär. Oýunçylar: “Lepbeý-lepbeý turanym” diýşip, jogap berýärler. Öňbaşçy: “Ýurdumyzda aýal-gyzlaryň arasynda iň ökde küştçi kim?” diýip soraýar. Oýunçylar: “Ýurdumyzda aýal-gyzlaryň arasynda iň ökde küştçi pylany” diýşip jogap berýärler.

Eger berlen jogap nädogry bolsa, onda ol sorag beýleki topara berilýär. Şeýlelikde, iki öňbaşçynyň göz öňünde tutýan jogaby aýdylýança, toparlara gezekli-gezegine sorag berlip durulýar.



Soragyň dogry jogabyny haýsy-da bolsa bir toparyň oýunçylary bilse, onda olaryň öňbaşçysy: “Berekella, üstünden bardyň!” diýip gygyrýar. Şondan soň soraga dogry jogap beren toparyň oýunçylary, garşydaş toparyň oýunçylaryna tarap ylgap, olary tutup, arkalaryna hopba bolup, öz çyzyklaryna çenli münüp gelmäge synanyşýarlar. Garşydaş toparyň oýunçylary bolsa olara tutdurman, garşydaş çyzykdan geçjek bolýarlar.

Tutulyp, arkasyna hopba eden oýunçylar oýundan çykarylýar. Haýsy toparda köp oýunçy galsa, şol topar hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Toparlaryň oýunçylary kimiň kimi tutmalydygyny belli etmeli we öz garşydaşynyň gabadynda durmaly.
2. Tutulan oýunçy tutan oýunçyny, tutulan ýerinden arkasyna hopba edip, pellehana getirmeli.
3. Soraga dogry jogap beren toparyň oýunçylary öňbaşçynyň: “Berekella, üstünden bardyň!” diýip, gygyranyndan soň, garşydaş toparyň oýunçylaryna tarap ylgap bilýärler.

# DÜZZÜM

***Oýnalýan ýeri.*** Bu oýny oýnamak üçin hiç hili enjam, meýdança hem gerek bolmaýar.

***Taýýarlyk.*** Düzzüm oýnamak isleýän iki adamynyň her biri garşydaşynyň daşyndan özüniň reňki boýunça tapawutlanýan birmeňzeş 8 sany daş alýar hem-de gaty kagyzyň ýüzünde şu aşakdaky ýaly çyzgyny çyzýar.




***Oýnalyş täri.*** Oýunçy daşlarynyň 4-sini ortaky çyzykda goýýar. Şondan soň olar öz aralarynda kimiň öň göçmelidigi barasynda bije atyşýarlar. Bijesi çykan oýunçy 5-nji daşyny islän nokadynda goýýar. Ol soňky daşlary haýsy-da bolsa bir çyzygyň ugrundaky hatarda 3 daş ýerleşdirmäge dyrjaşýar. Birinji oýunçy 5-nji daşyny bir nokatda goýanyndan soň, onuň garşydaşy hem birinji oýunça 3 daşy hatara goýdurmajak bolup, onuň daşlarynyň arasyndaky nokatda öz daşyny goýýar. Oýunçylaryň birinjisi haýsy-da bolsa bir hatardaky nokatlaryň 3-sinde öz daşyny hatarlap goýup bilse, ikinji oýunçynyň indiki goýjak daşlarynyň birini alýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Iki tarapyň oýunçysy hem öz daşlaryny tiz düzmäge, garşydaşynyň daşlaryny düzjek bolup edýän synanyşygyny başa bardyrmazlyga çalyşmaly.
2. Düzzüm oýnuny iki adam oýnap, olaryň her birine 3–4 adamy kömekçi berip bolar.
3. Oýnuň terbiýeçilik ähmiýeti we onuň geçiriliş usulyýeti: Düzzüm oýny oýunçylarda sowukganlylygy, pähimliligi, dürs pikirlenmäni kämilleşdirýär.

## ÝEDITOP

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýny düz meýdançalarda, baýyrlaryň arasynda, çägesöw ýerlerde, takyrlarda, sport meýdançalarynda, sport öýlerinde hem-de amatly ýerlerde geçirmek bolýar. Meýdançanyň ölçegleri: pellehanalaryň aralygy 60–100 metr ýa-da 40–60 ädim çemesinde bolmalydyr. Ol adam sanyna görä, üýtgäp biler.

Oýny geçirmek üçin bir sany rezin top we uzynlygy 1 metre golaý taýak gerek. Taýagyň tutulýan ýeri tutmaga amatly bolmaly.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10–16, 20–26 we ondanam köp oýunçy gatnaşyp biler. Oýna näçe köp adam gatnaşsa, ol şonça-da şowhunly geçýär. Bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, oýunçylar deň iki topara bölünýärler. Her topar özüne öňbaşçy saýlaýar. Şondan soň iki pellehana bellenilýär. Pellehanalaryň biri topy urmak we gaçmak üçin, beýlekisi gaçyp barylýan we yzyna gaýdylýan pellehana. Pellehanalar uzyn we ýogyn çyzyklar bilen biri-birinden tapawutly bolmaly. Pellehanalar bellenenden soň toparyň haýsysynyň döwçi, haýsysynyň topçy bolmalydygyny kesgitleýärler. Topçy toparyň bir oýunçysy döwçülere top oklamak üçin top urulýan pellehanada galýar. Topçy toparyň oýunçylary meýdançanyň içine ýaýramak we topy biri-birine oklaşmak, urlan topy gapmak, döwçi toparyň topy urup, gaçyp barýan oýunçysyny top bilen urmak üçin amatly bolar ýaly, hersi bir ýerde durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary top urulýan pellehanada galyp, nobatma-nobat oklanan topy urýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsadyndan soň, döwçüleriň biri topçy bilen 2–2,5 metr aralykda ýüzbe-ýüz durýar. Topçy elindäki topy döwçi bilen aralyga düşer ýaly edip, 2–2,5 metr ýokary oklaýar. Döwçi elindäki taýak bilen topy urmaly. Ilki başda her döwçiniň topy bir gezek urmaga hukugy bar. Döwçi topy urup, topçular topy getirýänçäler pellehana baryp, dolanyp gelse, indiki nobaty urmaga ýetişse, döwçi topary üç gezek urmaga hukuk gazanýar. Eger-de nobatdaky döwçiniň salgan taýagy topa degmese, onda ol bellenen ýerde gaçmaga maý bolýança garaşmaly. Ol maý tapyp, pellehana baryp gelse, oňa ýene bir gezek topy urmaga hukuk berilýär. Kähalatlarda döwçüleriň birisine beýleki pellehana baryp, dolanyp gelmäge maý bolman galýar ýa-da döwçüleriň hemmesi pellehana ýygnanýarlar. Şeýle ýagdaýda topçy döwçüleriň 3–4 metr gapdalynda durup, topy “göge”, ýagny, topy 2,5–3 metr ýokary oklap gapýar we döwçülere gaçmaga maý berýär. Döwçüler has çakgan, sapalak atyp, amatly pursatdan peýdalanyp, top urulýan pellehana tarap gaçýar. Ol özüni top bilen urdurman gelse, ýene-de oklanan topy urup, ýoldaşlarynyň dolanyp gelmegine mümkinçilik döredýär. “Gök” berýän oýunçy hem öz gezeginde ylgap barýan oýunçynyň öňräginde duran öz ýoldaşy-

na topy çalt oklaýar. Öňdäki duran oýunçy topy gapyp, ylgap barýan döwçini urup biler.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylar iki topara bölünende mümkün boldugyça olaryň ýyndamlaryny, çalasynlaryny, topy oňat urýanlaryny, topy göni zyňyp bilýänlerini iki tarapa-da deň bölmeli.
2. Topy uzaga ýa-da topçularyň seýrek ýerine urup, şol gezekde hem pellehana baryp dolanyp gelen oýunça topy üç gezek urmak hukugy berilýär. Beýleki halatlarda oýunçylar topy ýeke gezek urup bilerler.
3. Öz top urmak gezegini geçiren oýunçy amatly pursatdan peýdalanyp, pellehana baryp, ýene-de dolanyp gelse, nobaty gelende oňa ýeke gezek topy urmak hukugy berilýär.
4. Öň üç gezek topy urmak hukugyny gazanan oýunçy ikinji gezeginde ýene-de topy jaý urup, pellehana baryp dolanyp gelse, onuň indi 5 gezek top urmak hukugy bar. Iki top öňküsi, üç top hem täzeden baryp geleni üçin.
5. Eger topçular döwçüleriň uran topuny gapsalar, onda olar döwçi bolýarlar.
6. Döwçi topa tötänleýin galtaşaýsa, onda olaryň bütin topary topçy bolýarlar.

## ÝÜPEK – ÝÜPEK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin ýörite işilen guşak gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançanyň bir çetinde, ortarakdan giňligi 2,5–3 metrlik tegelek çyzmaly. Oýna 20–30 oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki topara bölünýärler. Olar özlerine öňdaşçy saýlaýarlar we bir oýunçyny jarçy edip belleýärler. Şondan soň toparyň öňbaşçylary we eli guşakly jarçy dagy tegelegiň içinde oturýarlar. Toparlaryň biri olardan 15–20 metr uzaklykda çep tarapynda, beýlekisi bolsa sag tarapynda durýarlar. Oňbaşçylar öz aralarynda bije atyşyp, kimiň oýny birinji başlamalydygyny kes-

gitleýärler. Bijesi çykan öňbaşçy ýüpek reňkiniň adyny belleýär we beýleki öňbaşça hem-de jarça mälim edýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýun ýolbaşçynyň rugsady bilen başlanýar. Öňbaşçylar öz toparynyň oýunçylarynyň birini ýanlaryna çagyrýarlar. Çagyrylan oýunçy tegelegiň ýanyna baryp, oýny birinji başlaýan toparyň oýunçysy jarçynyň elindäki guşagynyň ujundan tutup: "Ýüpek-ýüpek" diýýär. Jarçy bolsa: "Nähili ýüpek?" diýip soraýar. Oýunçy bir ýüpek reňkiniň adyny çak bilen aýdýar. Eger oýunçynyň aýdan ýüpek reňki bellenen reňk bilen deň gelse, onda jarçy elindäki guşagy goýberip: "Bildiň! Ýet-de derrew mün!" diýýär. Şondan soň reňkiň adyny bilen oýunçy guşagy alyp, beýleki oýunçyny tutup, arkasyna hopba bolup, öz toparynyň duran ýerine çenli münüp gidýär we bir utuk gazanýar. Eger-de ol bellenen ýüpek reňkiniň adyny bilmese, onda ol sorag beýleki oýunça berilýär. Beýleki oýunçy hem bellenen reňki bilmese, onda olaryň ikisinem yzyna gaýtaryp, başga oýunçylary çagyrýarlar. Oýun şeýle tertipde dowam edýär we haýsy topar köp utuk san gazansa, şol topar hem utýar.



***Oýnuň başga görnüşlerinde.*** Bellenen ýüpek reňkiniň adyny bilen oýunçy beýleki oýunçynyň yzyndan ýetip, arkasyna hopba bolup münmän, onuň yzyndan ýetip, guşak bilen arkasyna urup, bir utuk san gazanyp biler.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Guşak gowşak işilen matadan bolmaly.
2. Her gezekde toparyň oýunçylary çagyrylanynda bellenýän ýüpek reňkleriniň atlary üýtgemeli.

## GUŞAKGAPDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin matadan işilen, uzynlygy 50–60 santimetrlik guşak gerek.



***Oýna taýýarlyk.*** Oýna gatnaşyjylaryň sany jübüt bolup, 20–30, ondanam gowrak bolup biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki sany öňbaşçy belleýärler. Beýleki oýunçylar hem azaşyp, deň ikä

bölünýärler. Ikibir-ikibir azaşan oýunçylar ýaş, güýç taýdan des-deň bolmalydyrlar. Toparlaryň öňbaşçylary öz aralarynda bije atyşyp, haýsy toparyň döwçüdigini ýa-da guşakçydygyny kesgitleýärler. Toparlar garşyma-garşy durar ýaly, arasy 8–10 metr çemesinde iki göni çyzyk çyzylýar. Toparlaryň oýunçylary çyzygyň daşynda düzülip, oýna taýýar bolup durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen guşakçy toparyň oýunçylarynyň biri döwçi toparyň oýunçylaryna tarap guşagy zyňýar. Döwçi toparyň oýunçylary ýerlerinden üýtgemän, guşagy gapjak bolýarlar. Eger döwçüler guşagy gapyp bilmeseler, onda olar guşakçy bolýarlar. Eger-de döwçi toparyň bir oýunçysy guşagy gapsa, onda ol guşagy alyp, garşysynda duran özi bilen azaşan oýunçysynyň arkasyna hopba bolup münýär. Ýaňky döwçi guşakçy toparyň oýunçysynyň arkasyna münüp, oturan ýerinden guşagy öz oýunçylaryna tarap zyňýar. Zyňlan guşagy döwçüleriň biri gapaýsa, onda döwçüleriň hemmesi guşakçylara tarap ylgap barýarlar hem-de her kim özi bilen azaşan oýunçysyny münüp, öňki duran ýerlerine barýarlar we bir utuk san gazanýarlar. Guşakçylar döwçüleri arkasyna mündürip, öz ýerlerine eltip, yzlaryna dolanýarlar we çyzykda öňki ýaly hatara durýarlar. Eger döwçüler öz oýunçysynyň zyňan guşagyny gapyp bilmeseler, onda olar guşakçy bolýarlar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Guşakçy toparyň oýunçylary bellenen çyzygy basman, ýerlerinden üýtgemän, guşagy zyňmalydyrlar.
2. Döwçi toparyň oýunçylary hem bellenen çyzygy basman, ýerlerinden üýtgemän, guşagy gapmalydyrlar.

## KEPBÄMGURDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Bu oýun ýetginjek oglanlaryň oýnaýan oýnudyr. Oýny oýnamak üçin oýunçylaryň sanyna görä, tegelek çyzyk çyzylýar. Oýna 10–12 oýunçy gatnaşyp biler. Eger oýunçylaryň sany köp bolsa, onda oýny iki tegelek çyzykda geçirip bolar. Oýunçylar bije

atyşyp, sanawaç sanaşyp, deň iki topara bölünýärler we özlerine öňbaşçy saýlap, haýsy toparyň döwçüdigi ýa-da goraýjydygy kesgitlenilýär. Şondan soň goraýjy toparyň oýunçylary tegelegiň içine girip, öňbaşçyny garawul goýup, galanlary bolsa tegelegiň içinde biri-biriniň eginlerine ellerini goýup, kellelerini aşak egip, tegelenip durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary çyzygyň daşynda oýna taýýar bolup durýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen döwçi toparyň oýunçylary tegelek çyzygyň daşyndan aýlanyp, garawulyň gözüne sap atyp, çyzygyň içindäki kepbe görnüşinde duran oýunçylaryň üstüne böküp münmäge synanyşýarlar. Kepbäni goraýan oýunçy bolsa kepbä böküp münjek bolýan ýa-da ondan düşjek bolýan döwçi toparyň oýunçylaryna çyzygyň içinde elini ýa-da aýagyny degirmäge çalyşýar. Eger kepbäni goraýan oýunçy döwçi toparyň bir oýunçysyna elini ýa-da aýagyny degirse, onda ol oýunçy goraýjy bolýar, galan döwçüler bolsa ortada kepbe bolup durýarlar. Kepbäniň üstünde

oturan oýunçynyň aýagy ýere degse, onuň toparynyň utuldygy hasap edilýär we oýun täzeden başlanýar. Eger döwçüleriň hemmesi özüni goraýja tutdurman, ortaky kepbä böküp münüp, ýene-de düşüp, öz ýerlerine barsalar, onda olar bir utuk san gazanýarlar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Garawul bolýan oýunçy döwçi toparyň oýunçylarynyň birine çyzygyň içinde elini ýa-da aýagyny degirse, onda ol oýunçynyň utuldygy hasapdyr.
2. Ortada duran oýunçylar öz üstündäki oýunçylary bilgeşleýin ýykmaly däldirler.

## EŞEK MÜNDI

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10–12 sany ýetginjek oglanlar gatnaşyp biler. Olar bije atyşyp, deň iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlap, haýsy toparyň döwçüdigini ýa-da goraýjydygyny kesgitleýärler. Şondan soň goraýjy toparyň oýunçylarynyň öňbaşçysy garawul durup, ýene biri diwara ýa-da haýata ellerini diräp, eglip durýar. Oňa ýassyk diýilýär. Onuň yzyndan beýlekiler hem biri-biriniň bilinden tutup, öňdäki oýunçylara ýaplanyp, eşek bolup durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary bolsa, eşek bolup duran oýunçylaryň üstüne münmäge taýýarlanýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen döwçi toparyň oýunçylarynyň iň ýyndamy, çalasyny batly-batly ylgap, eşek bolup düzülen oýunçylaryň öňdäkisiniň üstüne böküp münmäge synanyşýar. Sebäbi ol iň öňdäkiniň üstüne böküp münüp bilmän, üçünji ýa-da dördünji oýunçynyň üstüne münse, onda beýleki böküp münjek oýunçylara ýer galman biri-biriniň üstüne böküp münmäge mejbur bolýarlar. Netijede, eşegiň üstünden taýyp, ýykylyp, garawula tutdurmagy mümkin. Şeýlelik bilen döwçi toparyň oýunçylarynyň birisi böküp müneninden soň, beýlekileri hem yzly-yzyna eşegiň üstüne böküp münýärler.

Goraýjy toparyň oýunçylary eşek bolup üstlerine batly böküp münülende ýykylmajak bolup synanyşýarlar. Hemme döwçüler eşegiň üstüne münenlerinden soň, oýnuň şertine görä, belli bir sana 25 ýa-da 30-a çenli sanalýar ýa-da wagt bellenilýär. Eger goraýjy toparyň oýunçylary eşek bolup, bellenen sana ýa-da wagta çenli ýykylman, üstündäki oýunçylary saklasalar, onda olar bir utuk gazanyp, toparlar ýerlerini çalyşýarlar. Eger üstündäki oýunçylary saklap bilmeseler, onda döwçüler bir utuk gazanýarlar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Döwçi toparyň oýunçylary eşegiň üstüne böküp münenlerinden soň, ýerinden gozganman oturmalydyrlar.
2. Döwçi toparyň oýunçylary eşegiň üstünde aýaklaryny ýere degirmeli däldirler.
3. Eglip duran oýunçylaryň kellesine ýa-da başga ýerine zeper ýetirmeli däldirler.

## ÇÜRRÜKKESDI

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançada oýunçylaryň sanyna görä, uly tegelek çyzylýar. Şol tegelegiň içinde ýene bir tegelek çyzylýar. Iki tegelegiň arasy iki metrden az bolmaly däldir. Oýunçylaryň sany jübüt

bolup, iki topara bölünýärler. Bije atyşyp, haýsy toparyň döwçi ýa-da goraýjy bolmalydygyny kesgitleýärler. Şondan soň goraýjy toparyň oýunçylary içki tegelekde durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary bolsa daşky tegelegiň daşynda durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen döwçi toparyň oýunçylary goraýjy toparyň oýunçylarynyň arasyndan geçip, içki tegelege girmäge synanyşýarlar. Goraýjy toparyň oýunçylary bolsa döwçi toparyň oýunçylaryny içki tegelege goýbermejek bolýarlar. Eger-de döwçi toparyň oýunçylarynyň biri iki oýunçynyň arasyndan geçip, özüni tutdurman, içki tegelege girip bilse, onda ol arasyndan geçen iki oýunçysyny olja edip alýar. Eger geçip bilmän, goraýjylara tutdursa, onda onuň özüni olja edip alýarlar. Oýun wagt bellenip oýnalýar. Toparlar nobatma-nobat ýerlerini çalyşýarlar. Köp olja alan topar utýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Goraýjy toparyň oýunçylary döwçüleri daşky tegelegiň çyzygyna çenli tutup bilerler.
2. Döwçi toparyň oýunçylary iki tegelegiň arasynda diňe öňe we yza, ýagny arkanlygyna ylgap bilerler.
3. Iki tegelegiň arasynda tutulan oýunçy hem olja edilip alynýar.

## MERGENLIK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa degişli serişdeler.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

Oýny oýnamak üçin bir sany woleýbol top gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýny woleýbol meýdançasynda geçirmek bolýar. Meýdançanyň maňlaý çyzyklaryndan 1,5 metr çemesi daşlykda ýene bir çyzyk çyzmaly. Oýunçylaryň sany jübüt (20–30 çemesi) bolup, bije atyşyp, deň iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Toparlaryň hersi meýdançanyň bir tarapynda ýerleşýär. Meýdançanyň maňlaý çyzyklaryndan daşlykda geçirilen çyzyk aralygy oljalar üçin niýetlenen ýerdir.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýun ýolbaşçynyň topy islendik tarapa oklamagy bilen başlanýar. Top oklanan tarapyň oýunçylarynyň biri topy alyp, ortaky çyzygy basman, garşydaş toparyň oýunçylarynyň birine degirjek bolup zyňýar. Garşydaş toparyň oýunçylary zyňlan topdan sowulýarlar ýa-da ony gapmaga synanyşýarlar. Olaram öz gezeginde topy alyp, garşydaş toparyň oýunçylaryna tarap zyňýar. Oýun şu tertipde dowam edýär. Eger zyňlan top toparyň oýunçylarynyň birine degäýse ýa-da gapyp bilmese, gapyp elinden gaçyrsa, onda ol oýunçy olja edilip alynýar. Olja edilip alnan oýunçy öz bellenen ýerinden çykman, öz çägindäki topy alyp, garşydaş toparyň oýunçylaryna tarap zyňyp bilýär ýa-da öz oýunçylaryna oklap bilýär. Olja edilen oýunçyny oljalykdan boşatmagam bolýar. Şonuň üçin oňa topy ýokardan gapar ýaly edip zyňmaly. Topy gapan olja topy elinde saklap, öz toparynyň oýunçylarynyň hataryna geçýär. Oýun wagt bellenip oýnalýar. Haýsy topar köp olja alsa, şol topar hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Zyňlan topy gapan oýunçy öz toparyna bir utuk san getirýär.
2. Meýdançadaky toparyň oýunçylary olja üçin bellenen çyzyklary basmaga, bellenen ýere girmäge, şol ýerdäki topy almaga haklary ýokdur.
3. Zyňlan top oýunça ýere degmän, göni degse, onda ol olja edilip alynýar.
4. Olja edilip alnan oýunçy zyňlan topy bellenen ýeriň çäginden çykman, göni gapsa, oljalykdan boşadylýar.
5. Oljanyň zyňan topy garşydaş toparyň bir oýunçysyna göni degse, ol hem olja edilip alynýar.

## ÇEKIŞME

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Çekişme oýnuny oýnamak üçin oýunçylaryň sany jübüt bolup, güýçleriniň deňligine seredip, bije atyşyp, deň iki topara bölünýärler. Şondan soň meýdançanyň ortasyndan uzyn çyzyk çyzylýar. Toparlaryň hersi çyzygyň bir tarapynda durýar. Toparlaryň oýunçylary güýçleriniň deňligine seredip, biri-biriniň garşysynda aýaklarynyň ujuny çyzyga degirmän, biri-biriniň ellerinden berk tutup, ýüzbe-ýüz durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen toparlaryň oýunçylary öz garşydaşyny eli bilen öz tarapyna çekip, çyzykdan geçirmäge synanyşýarlar. Haýsy oýunçynyň iki aýagy hem çyzygyň beýleki tarapyna geçse, ol oýundan çykýar. Garşydaşyny çekip, çyzykdan geçiren oýunçy bolsa öz ýoldaşlaryna kömege barýar. Ol öz ýoldaşlarynyň biriniň bilinden tutup, garşysyndaky oýunçyny çekip, çyzykdan geçirip, oýundan çykarýar. Şeýlelikde, haýsy toparyň oýunçylarynyň sany köp bolsa şol hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylar çyzygy basman, aýaklaryny islendik ýagdaýda goýup bilerler (bir aýagy öňe, iki aýagy jüp we ş.m.)

2. Çekişme wagtynda iki oýunçynyň tutluşan eli sypsa, onda ikisiniň arasynda oýun täzeden başlanýar.



## HAÝAT ÝYKYLDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30-dan hem gowrak oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki deň topara bölünýärler. Oýny oýnamak üçin meýdançanyň ortasynda arasy 3–4 metrlikde üç sany göni çyzyk çyzylýar. Çyzygyň uzynlygy oýunçylaryň sanyna görä bolmaly. Iki toparyň oýunçylary ortaky çyzygyň iki tarapynda hatarlanyşyp, biri-birine arkasyny öwrüp, el tutuşyp durmaly. Hatar duran her bir toparyň oýunçylary haýat bolmaly.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen her toparyň oýunçylary tutuş hatarlanyşyp, arkalary bilen garşydaş toparyň oýunçylaryny itekläp, daşky çyzykdan çykarmaga synanyşýarlar. Çyzykdan çykarylan oýunçy oýundan çykarylýar. Oýun toparlaryň biriniň oýunçylarynyň hemmesi çyzykdan çykarylýança, dowam etdirilýär. Haýsy toparyň oýunçylary daşky çyzykdan ilki çykarylyp gutarsa, ol toparyň utuldygy hasaplanýar. Utan topara bir utuk san berilýär we oýun täzeden başlanýar.



***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylar diňe arkalary bilen garşydaş toparyň oýunçylaryny itekläp bilerler.
2. Öz garşydaşyny daşky çyzykdan itekläp çykaran oýunçy öz toparynyň oýunçylaryna kömege baryp biler.

## EŞEGARKA

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun sport meýdançalarynda ýa-da sport öýünde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 20–30-dan hem gowrak oýunçy gatnaşyp biler. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki deň topara bölünýärler. Şondan soň kimiň eşegarka, kimiň bolsa döwçüdigi kesgitlenýär. Eşegarka toparynyň oýunçylary meýdançanyň ortasynda biri-birinden 1–2,5 metr daşlykda hatara durýarlar. Olar aýaklarynyň arasyny eginiň giňliginde goýup, bir aýagyny az-owlak öňe süýşürip, ellerini öňde-aýagynyň dyzynyň üstünde goýup, arkasyny eşegarka meňzedip, kellesini aşak egip durýarlar. Döwçi toparyň oýunçylarynyň üstünden bökmäge taýýar bolup hatara durýarlar.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen döwçi toparyň oýunçylary gezekli-gezegine ylgap, eşegarka toparyň oýunçylarynyň hemmesiniň üstünden ellerini arkasyna degrip, böküp geçýärler. Eger döwçi toparyň oýunçylary eşegarka toparyň oýunçylarynyň hemmesiniň üstünden ylgawyny ýazdyrman, böküp geçseler, onda olar bir utuk gazanýarlar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Bökülýän wagtynda döwçüler elinden başga ýerini eşegarka toparyň oýunçylaryna degirmeli däldir. Eger elinden başga ýeri degse, onda toparlar ýerlerini çalyşýarlar.
2. Eger döwçi toparyň oýunçylary eşegarka toparyň oýunçylarynyň üstünden bökeninde ylgawyny ýazdyryp säginse, biriniň üstünden böküp bilmese, onda toparlar ýerlerini çalyşýarlar we oýun täzeden başlanýar.

Uly ýaşly mekdep okuwçylary hem kiçi we orta ýaşly mekdep okuwçylarynyň türkmen milli oýunlarynda ulanýan sanawaçlaryny we bije atmagyň usullaryny peýdalanyp bilerler. Ýöne uly ýaşly mekdep okuwçylary sanawaçlary sananlarynda özleriniň çeper höwesjeňlik ussatlyklaryny ýüze çykarmalydyrlar. Sözleriň her biriniň anyk, takyk manysyny bermegi başarmalydyrlar. Aýdalyň, kiçi ýaşly mekdep okuwçylary sanawaçlary ýalňyşsyz, säginmän, çalt-çaltdan sanamaga ýykgyn edýän bolsalar, uly ýaşlylar sözüň düýp manysyny berýän terbiýeçilik ähmiýetini ýüze çykarmalydyrlar

Bije atylanda kiçi ýaşlylar öz öňbaşçylarynyň ýanlaryna gelenlerinde birisi özüne “derýa” ikinjisi özüne “deňiz” diýip at dakýar. Şu ýerde uly ýaşly mekdep okuwçylary pähim-paýhas taýdan tapawutlanmalydyrlar. Mysal üçin, olaryň biriniň ady “Watan”, ikinjisiniň ady “Halk” diýen ýaly giň manyda, çuňňur mazmunda bolmalydyr.

# ÖZ BAÝDAGYŇY TAP!

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek enjamlar.*** Oýun ýaşaýyş toplumlarynyň dynç alyş meýdançalarynda, sport öýlerinde, sport meýdançalarynda we başga-da ylgamaga päsgel bermeýän arassa, tekiz meýdançalarda oýnalýar. Oýny oýnamak üçin dürli reňkli (ýaşyl, gyzyl, gök, sary, ak, goňur, gyrmyzy, melewşe we ş.m.) baýdajyklar ýa-da türkmen gölli baýdajyklar, daşary ýurt döwletleriniň baýdaklary we Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan ýurdumyzyň ýaşyl baýdagy gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Bu oýna dürli müçe ýaşly adamlar (çagalar bagyndan başlap, okuw mekdepleriniň, harby gullukdakylar we kärhananyň işgärleri) gatnaşyp bilerler. Oýun toparlaryň arasynda ýaryş görnüşinde geçirilýär. Toparlaryň sany baýdaklaryň sanyna görä bolmaly. Her toparyň oýunçylarynyň sany 10–12-den az bolmaly däl. Toparlaryň oýunçylarynyň sany näçe köp bolsa, oýun şonça-da şowhunly we gyzykly geçýär. Her toparyň öňbaşçysy ýa-da kapitany bolmaly.

Oýny guramaçylykly geçirmek üçin oýnuň emin agzalary bellenilmeli:

1. Baş emin.
2. Toparyň sanyna görä eminler.
3. Oýnuň ýazmaça beýanyny alyp barýan kätip.

Meýdançanyň ortasynda Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan ýurdumyzyň ýaşyl baýdagy dikilýär. Toparlaryň hemmesi meýdançada bellenen ýerinde aýry-aýrylykda hatara düzülip durýarlar.

Baş eminiň görkezmesi boýunça her topara bellenen emin toparyň baýdagyny öňbaşçysyna ýa-da kapitanyna gowşurýar. Toparyň öňbaşçysy öz oýunçylaryny öz baýdaklary bilen tanyşdyrýar. Şondan soň ol bir oýunçyny baýdak göteriji edip belleýär.

Baýdak göterijiler we eminler meýdançadaky bellenen ýerlerine baryp durýarlar. Baş eminiň görkezmesi bilen baýdak göterijiler öz toparlarynyň garşysynda meýdança tarap arkan durýarlar. Toparlaryň oýunçylary hem şol wagt meýdança tarap arkan öwrülip, gözlerini ýumup durýarlar. Şol wagt oýnuň kätibi baýdaklaryň duran ýerlerini bellige alýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Baş eminiň rugsady bilen "Öz baýdagyňy tap!" diýen sözden soň, baýdak göterijiler meýdança tarap öwrülip, baýdaklaryny ýokaryk galdyryp durýarlar. Şol pursatda toparlaryň oýunçylary hem gözlerini açyp, meýdança tarap öwrülip, öz baýdaklaryna tarap uly tizlik bilen ylgaýarlar. Toparyň oýunçylary şol ylgap barşyna öz baýdak göterijisiniň daşyna tegelenişip, gymyldaman durýarlar. Şondan soň toparyň eminleri haýsy toparyň näçenji bolup gelendiklerini baş emine hasabat berýärler. Baş eminiň görkezmesi bilen oýnuň kätibi oýnuň netijesini ýazmaça beýana belleýär. Soňra oýnuň netijesi, ýagny haýsy toparyň näçenji orny eýeländigi yglan edilýär. Toparlaryň hemmesi biri-birlerini el çarpyşma bilen gutlaýarlar.

Gutlagdan soň 1-nji orny eýelän topar meýdançanyň ortasynda dikilen Türkmenistanyň baýdagynyň daşyna birinji halka bolup, el tutuşyp durýarlar. Beýleki toparlar hem öz alan orunlaryna laýyklykda yzygiderli halka bolup, el tutuşyp durýarlar.

Saz çalnyp başlanmagy bilen birinji halka sagdan çepe, ikinji halka çepden saga we beýlekilerem şu tertipde el tutuşyp, baýdagyň daşyndan aýlanyşyp, aýdym bilen bezeýärler.

***Şu oýnuň başga görnüşleri:***

1. Baýdak göterijiler öz toparlarynyň garşysynda durman, olar biri-birleri bilen ýerlerini çalşyp, meýdança tarap arkan durýarlar. Oýun başlananda toparlaryň oýunçylary indi garşysyndaky baýdaga tarap ylgaman, öz baýdagynyň nirededigini anyklap, onsoň baýdagyna tarap ylgamaly we öz baýdak göterijisiniň daşyna tegelenişip, gymyldaman durmalydyrlar.

Oýnuň bu görnüşini baýdak göterýänçileriň ýerlerini çalşyp, birnäçe gezek gaýtalap, geçirip bolar.

2. Şu oýnuň öňki görnüşinde baýdak göterýänçiler ýerlerini çalyşýan bolsalar, indi olar baýdaklaryny çalyşýarlar. Toparyň oýunçylary öz baýdak göterijilerine tarap ylgaman, öz baýdaklaryna tarap ylgap, onuň daşyna tegelenip, gymyldaman durmalydyrlar. Şu tertipde baýdak göterijileriň baýdak çalyşmaklary bilen oýny birnäçe gezek gaýtalap geçirip bolar.

3. Şu oýnuň öňki görnüşinde dürli reňkli baýdaklar ulanylan bolsa, oýnuň indiki görnüşinde ýurdumyzyň mukaddes ýaşyl baýdagynyň ýüzünde ýerleşdirilen 5 gölüni hem aýratynlykda ulanyp bolar.

1) Ahal – teke göli.
2) Balkan – ýomut göli.
3) Mary – pendi göli.
4) Lebap – ärsary göli.
5) Daşoguz – gökleň göli.

Şu oýun öňki görnüşindäki tertipde dürli reňkdäki baýdaklaryň ýerine türkmen göllerini baýdak hökmünde ulanyp geçirilse, ol has şowhunly we gyzykly bolar. Sebäbi türkmen göllerinde umumy meňzeşlikler bar, şol meňzeşlikler oýunçylardan ünslüligi we çalt duýgurlygy talap edýär.

4. Şu oýnuň öňki görnüşlerinde dürli reňkli baýdaklar, türkmen gölleri ulanylan bolsa, oýnuň indiki görnüşlerinde Döwlet baýdaklary, ýagny daşary ýurt döwlet baýdaklaryny ulanyp bolar.

“Öz baýdagyňy tap!” oýnuny öňki görnüşlerindäki ýaly tertipde daşary ýurtlaryň döwlet baýdaklaryny hem ulanyp geçirip bolar. Bu oýun ýaş aýratynlyklaryna garamazdan, hemme adamlaryň ünslüligini, ýönekeý we çylşyrymly duýgynyň tizligini, aňlylygyny, ýatkeşligini, tutanýerliligini, işeňňirligini, bilimliligini artdyrýar.

## BUKULDYM

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun ýaşaýyş toplumlarynyň dynç alyş meýdançalarynda, beýikli-pesli ýerlerde, baglyklarda gündizlerine bukular ýaly ýeri bolan ýerlerde ýa-da agşamlaryna aý-aýdyňda oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylaryň sany jübüt bolmaly. Olar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki deň topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Şondan soň, ýerde oýunçylaryň sanyna görä, tegelek çyzyk çyzylyp, oýnuň pellehanasy bellenilýär. Toparlaryň öňbaşçylary öz aralarynda bije atyşyp, haýsy toparyň döwçi, haýsysynyň goraýjy bolmalydygyny kesgitleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Goraýjy toparyň oýunçylary tegelegiň içine girip, çommalyp, kellesini aşak egip, gözüni ýumup oturýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary bolsa çar tarapa bukulmaga gidýärler. Gidenleriň hemmesi bukulanlaryndan soň, öňbaşçy “Guk” diýip gygyryp, habar berýär. Şondan soň goraýjy toparyň oýunçylary gözlerini açyp, ýer-

lerinden turýarlar. Olaryň birnäçesi döwçüleri gözlemäge gidýärler. Galanlary pellehanany goraýarlar. Eger goraýjy toparlaryň oýunçylarynyň biri döwçülerden birini tapaýsa, onda ol derrew öz oýunçylaryna habar berýär. Şeýle habardan soň goraýjylar döwçüleri tegelege, ýagny pellehana girizmän, tutmaga synanyşýarlar. Pellehana ýetmän tutulan döwçüler olja edilip alynýar we tegelegiň içinde oturdylýar. Eger-de döwçüierden birini tutup bilmän, pellehana goýberseler, onda olar öňki goraýjylygyna galýarlar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Döwçüler gaty uzaga gidip, goraýjylary heläklemez ýaly, bukulmagyň, kowup gaçmagyň çägi bellenilýär.

## GÖRÜP – GAÇDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Bu oýny kiçi ýaşly, ýagny 5 ýaşdan 10 ýaşa çenli oglan-gyzlar ýaşaýyş toplumlarynyň dynç alyş meýdançalarynda, agşamara, bukular ýaly ýeri bolan ýerlerde garyşyp, oýnap bilerler. 10 ýaşdan ýokary çagalar we ýetginjekler şäheriň, obanyň çetinde beýiklipesli ýerlerde, baglyklarda, agşamlaryna özbaşdak oýnap bilerler.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna oýunçylaryň islendik sany gatnaşyp biler. Oýunçylar meýdançanyň bir gyrasynda ýa-da ortasynda çüle (pellehana) belleýärler. Şondan soň olar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, bir oýunçyny çülçi saýlaýarlar. Galanlary bolsa döwçi bolýarlar. Çülçi çülede gözüni ýumup, çommalyp oturýar. Döwçüler çar tarapa ýaýrap bukulýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Döwçüler çar tarapa ýaýrap, buky ýerlerde gizlenenlerinden soň, çar tarapdan “Guk” diýip gygyryp, çülçä gözlege çykmak üçin habar berýärler. Çülçiniň esasy wezipesi bukulan oýunçylaryň hemmesini gözläp tapmak we olary oýundan çykarmak bolýar. Şonuň üçin ol ilki ýakyn töwerekdäki oýunçylaryň ýanyna ýuwaşlyk bilen ýakynlaşyp, bukulan oýunçynyň birini tanap, adyny tutup, mysal üçin, “Çary, sen çyk!” diýip, çülä tarap ylgaýar. Eger tapylan oýunçynyň ady dogry tutulsa, onda ol derrew gizlenen ýerinden çykyp, çülçini kowalap başlaýar. Şu ýagdaýda çülçi tutdurman, çülä gelse, onda ady tutulan döwçi oýundan çykarylyp, çülede oturdylýar. Şeýdip, çülçi beýleki döwçüleri hem gözläp tapyp, adyny dogry tutup, döwçülere ýet-

dirmän, çülä ilki baryp, olary oýundan çykaryp, çülede oturdýar. Ýöne çülçi döwçiniň adyny nädogry tutaýsa, onda ol “bilmediň, men Çary däl” diýip, ýerinden turmaly. Şeýle ýagdaýda çülçi oýny täzeden başlamaly bolýar. Eger tanalan döwçi çülä çülçüden öň gelse, onda hem çülçi çülçüligine galyp, oýun täzeden başlanýar. Kähalatlarda çülçi gözlege çykan wagtynda bukulyp ýatan döwçüleriň biri amatly pursatdan peýdalanyp, çülçä görünmän, ýerinden turup, çülä tarap ylgap, çülçüden öň gelse, onda tanalyp, oýundan çykarylanlar hem oýna girýärler we oýun täzeden başlanýar. Eger çülçi döwçüleriň hemmesini ýeke-ýekeden tanap, oýundan çykaryp, çülä üýşürse, onda ilki tanalyp, oýundan çykarylan döwçi çülçi bolýar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Çülçi döwçüleriň biriniň adyny tutup, tananyndan soň, mekirlik edip, ýerini üýtgetmäge haky ýokdur.

## BASYRDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun yaşaýyş toplumynyň dynç alyş meýdançalarynda ilki agşam ýa-da aý aýdyň gijeler oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Bu oýny oýnamak üçin oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, deň iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Öňbaşçylar öz arasynda haýsy toparyň döwçüdigini we haýsy toparyň çülçüdigini kesgitleýärler. Şondan soň her topar meýdançanyň bir gyrasynda özlerine çüle belleýärler.

***Oynuň oýnalyşy.*** Bijäniň esasynda çülçi toparyň oýunçylary öz çülesinde tükge düşüp ýa-da ýüzin ýatyp, özlerini tanamaz ýaly, öz eşikleri bilen üstüni basyrýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary bolsa öz çülesinde çülçülere arkan durup, gözlerini ýumýarlar. Çülçi toparyň oýunçylary basyrynyp bolanlaryndan soň, öňbaşçy “Guk” diýip, taýýardyklaryny habar berýärler. Şondan soň döwçüleriň hemmesi çülçüleriň ýanyna baryp, basyrynyp ýatanlary tanamaga synanyşýarlar. Döwçüler çülçüleriň birini tanap, adyny tutup, üstüni açýarlar we öz çülelerine tarap ylgaýarlar. Doly tanalyp, ady tutulan çülçi derrew ýerinden turup, döwçüleriň yzyndan ylgap, olaryň birini çülä çenli

tutmaga çalyşýar. Eger döwçüler özlerini çülä çenli tutdurman gelseler, onda tanalyp, ady tutulan çülçi olja edilip alynýar we oýun öňkiöňküligine dowam etdirilýär. Eger-de ady tutulyp, tanalan çülçi bir döwçini çülä çenli tutaýsa ýa-da döwçüler çülçüleriň biriniň adyny tanaman, nädogry aýtsa, onda çülçüleriň döwçüler bilen ýerleri çalşyrylyp, oýun täzeden başlanýar. Oýnuň dowamynda haýsy topar köp gezek döwçi bolan bolsa şol ýeňiji hasaplanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Döwçüler çülçüleriň birini tanaman, adyny tutman, üstüni açmaly däldirler.
2. Diňe tanalyp, ady tutulan çülçi döwçüleri çülä çenli kowalap, tutup biler.

## GIZLENPEÇEK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun şäheriň ýaşaýyş toplumlarynyň dynç alyş meýdançalarynda, obalaryň çetinde bukular ýaly ýeri bolan ýerlerde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna başlamazdan öň pellehana bellenilýär. Onuň üçin hemme oýunçylaryň gatnaşmagynda diwaryň ýa-da agajyň ýüzüne tegelek çyzylyp, dikligine iki sany göni çyzyk geçirilýär. Şondan soň oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, deň iki topara bölünip, haýsy toparyň döwçüdigini we haýsy toparyň çülçüdigini kesgitleýärler. Döwçi toparyň oýunçylary gizlenýärler, çülçüler bolsa olary gözleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Çülçi toparyň oýunçylary pellehanada gizlenilýän meýdança tarap arkan durup, gözlerini ýumýarlar. Döwçüler bolsa meýdançada gizlenýärler. Olar taýýardyklaryny "Guk" diýip habar berýärler. Bu oýnuň beýleki oýunlardan tapawutlylygy döwçi toparyň oýunçylary çülçülere görünmän, pellehana gelmäge synanyşýarlar. Çülçüler bolsa olary pellehana ýetmänkä, tutmaga synanyşýarlar. Eger döwçüleriň biri pellehana çülçülere tutdurman gelip bilse, onda olar ýene-de gizlenmäge hukuk gazanýarlar. Eger- de döwçüleriň biri

çülçülere tutduraýsa, onda çülçüler döwçüleriň arkasyna hopba bolup münüp, pellehana çenli gaýdýarlar we çülçülikden çykýarlar. Şondan soň oýunçylar ýerlerini çalşyp, oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Çülçi toparyň oýunçylary döwçi toparyň oýunçylaryny gözläp tutjak bolýarlar we olardan pellehanany goraýarlar.
2. Gaçyp barýan döwçä çülçiniň eli degse, onda onuň tutuldygy hasap edilýär.

## GARAŇY GÖRDÜM – PAŇK

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Bu oýun obalaryň, şäherleriň bukular ýaly amatly ýerlerinde oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, çülçi belleýärler. Çülçi üçin ýörite pellehana bellenilýär. Ol meýdançanyň islendik ýerinde gözüni ýumup, çommalyp oturýar. Beýleki oýunçylar bolsa ondan gizlenýärler. Gizlenýän oýunçylara döwçüler diýilýär.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Döwçi toparyň oýunçylary gizlenenlerinden soň, çülçä "Guk" diýip habar berýärler. Şondan soň çülçi gözüni açyp, ýerinden turýar we döwçüleriň gözlegine çykýar. Çülçi gizlenen oýunçynyň üstünden baryp, gören ýerini mälim edip, "Haýatyň aňyrsynda garaňy gördüm, paňk" diýip gygyrýar. Tapylan oýunçy ýerinden turup, oýundan çykýar. Soňra çülçi beýleki oýunçylary tapmaga gidýär. Eger çülçi döwçüleriň hemmesini tapyp bilse, onda ilkinji tapylan oýunçy çülçi bolýar. Şu oýny wagt belläbem oýnap bolýar. Bellenen wagtyň dowamynda çülçi hemme döwçüleri tapyp bilmese, onda ýene-de çülçüligine galýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Gizlenen döwçüler "Guk" berlenden soň, oýnuň ahyryna çenli ýerinden üýtgemeli däldir.
2. Garasy görnen döwçüleriň adyny tutmak hökman däl.

## TARAPMA – TARAP BUKULDYM

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun beýikli-pesli, sazakly-selinli, diwarly-haýatly, bukular ýaly amatly ýerlerde oýnalýar. Ýerli ýagdaý ýokarda görkezilişi ýaly bolmasa, onda agşamlaryna aý-aýdyňda oýnalýar.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar öz aralarynda iki sany öňbaşçyny saýlaýarlar. Öňbaşçylar oýunçylary ikibir-ikibir azaşdyryp, deň iki topara bölýärler. Şondan soň olar bije atyşyp, haýsy toparyň döwçüdigini haýsy toparyň çülçüdigini kesgitleýärler we amatly ýerde pellehana belleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Çülçi toparyň oýunçylary pellehanada gözüni ýumup oturýarlar. Döwçi toparyň oýunçylary bolsa çar tarapa bukulmaga gidýärler. Döwçi toparyň oýunçylary bukulmaga barýarkalar çülçülere tutdurman, pellehana barmagyň emellerini we usullaryny belleşýärler. Olar pellehana nireden barmalydygyny, hemmesiniň bile ýa-da özara toparlara bölünip barmalydygyny öňünden anyklaýarlar. Ediljek hereket doly kesgitlenip, mazaly bukulanlaryndan soň, döwçüler çülçülere “Guk” berýärler. Döwçüler “Guk” berlenden soň, derrew ýerlerini üýtgedýärler we özleriniň belleýşi ýaly hereket edip başlaýarlar. Çülçi toparyň oýunçylary hem öz aralarynda kimleriň pellehanada galmalydygyny, kimleriň gözlege gitmelidigini gepleşýärler, “Guk” sesini eşiden çülçüler hem öz belleýişleri boýunça hereket edýärler.

Döwçüleriň maksady her hili emelleri, usullary ulanyp, çülçülere tutdurman, bolmanda bar oýunçynyň pellehana barmagyny gazanjak bolýarlar. Çülçüler bolsa döwçüleriň hemmesini pellehana ýetmänkä, tutjak bolýarlar. Netijede, çülçüler döwçüleriň hemmesini tutup bilseler, onda çülçüler döwçi, döwçüler hem çülçi bolýarlar we oýun täzeden başlanýar. Eger-de döwçülerden biri ýa-da birnäçesi pellehana baryp bilse, onda olar ýene-de döwçüligine galýarlar we oýun dowam etdirilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Döwçüleriň bukulmaly ýerleri, çülçüleriň kowalap tutmaly ýerleri çäklendirilmelidir.

2. Döwçüleriň nirä gidip bukulýandygyny biljek bolup, çülçüler olaryň yzyndan seretmeli däldirler.

## EL DEGIRDI

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýny sport meýdançalarda, sport öýünde, şäheriň ýaşaýyş toplumlarynyň dynç alyş meýdançalarynda, obanyň, şäheriň çetindäki düzlüklerde, ýaşyl otluk meýdançalarda, çägesöw ýerlerde we başga kowalaşmaga amatly ýerlerde oýnamak bolýar. Oýny oýnamak üçin islendik reňkdäki ýaglyk gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 15–20 we ondan-da köpräk oýunçy gatnaşyp biler.

Meýdança oýunçylaryň sanyna görä çäklendirilmelidir. Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, bir oýunçyny “çülçi” saýlaýarlar. Galan oýunçylar bolsa “döwçi” bolýarlar. Döwçüler meýdançanyň içine dargaýarlar, çülçi bolsa meýdançanyň ortasynda eli ýaglykly taýýar bolup durýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Ýolbaşçynyň rugsady bilen çülçi döwçüleri kowalap başlaýar. Döwçüler bolsa meýdançanyň çäginden çykman, çülçä tutdurmajak bolup gaçýarlar. Eger çülçi döwçüleriň birini kowalap, elini degräýse, onda çülçiniň eli degen oýunçysy tutuldy hasap edilip, çülçi bilen ýerini çalyşýar. Täze çülçi eline ýaglygy alyp, “Men çülçi” diýip, özüniň çülçüligini yglan edýär we oýny dowam etdirýär.

Oýnuň başga görnüşlerinde aşakdaky ýaly hem bolup biler:

***Iki çülçi.*** Eger oýunçylaryň sany köp bolsa, onda meýdança deň ikä bölünip, her bölegine bir çülçi bellenilýär. Her çülçi öz bellenilen meýdançasynyň çäklerinden çykman, döwçüleri kowalap, tutup biler. Döwçüler haýsy meýdançada tutdursalar, şol meýdançanyň çülçüsi bilen ýerini çalyşýarlar.

***Üç-dört çülçi.*** Eger-de oýunçylaryň sany çenden aşa köp bolsa, onda meýdançany 3-e, 4-e bölüp, her meýdança bir çülçi bellenilýär. Oýun ýokarky tertipde oýnalýar.

## ELIŇI UZAT

Bu oýnuň öňki oýunlardan tapawudy öz ýoldaşlaryny çülçüden goramak, tutmaga päsgel bermek, çykgynsyz ýagdaýdan baş alyp çykmak bilen baglanyşyklydyr.

Çülçi meýdançanyň çäklerinden çykman, döwçülerden bir oýunçynyň yzyndan kowalap, ýetip barýan pursatynda, beýleki bir döwçi kowalanyp gelýän döwçiniň öňünden çykyp, elini öňe uzadyp, biri-birlerine ellerini degrip, çülçüden halas edýär. Şondan soň çülçi beýleki oýunçylary kowalap başlaýar. Eger çülçi kowalap barýan döwçüsiniň elleri biri-birine degmänkä tutaýsa, onda tutulan döwçi çülçi bolýar.

## ARANY KESIP GEÇ

Öňki “Eliňi uzat” oýnunda döwçüler biri-birlerine ellerini uzadyp, kömek edýän bolsalar, bu oýunda döwçi bilen çülçiniň arasyny başga bir döwçi kesip geçmeli.

## DOŇY ÇÖZ

Bu oýun “El degirdi” oýny bilen meňzeşdir, ýöne çülçiniň kowalap tutan döwçüsi tutulan ýerinde gymyldaman, doňdurylan ýaly bolup durmalydyr. Şondan soň çülçi beýleki döwçüleri tutmagy dowam etdirýär we doňdurylan döwçüleri goramaga synanyşýar. Döwçülerem öz gezeginde çülçä tutdurmajak bolýarlar we doňdurylan döwçüleri ellerini degirmek bilen olaryň doňuny çözmäge synanyşýarlar. Doňy çözülen oýunçy döwçüler hataryna girip, oýny dowam etdirýär. Ýolbaşçynyň, tälimçiniň görkezmesi bilen sportuň saýlanan görnüşine laýyklykda, çülçiniň el degrip, doňduran oýunçylary sportuň emelleriniň esasy durgularynda durup doňýarlar.

Mysal üçin, agyr atletikanyň, samboçynyň, basketbolçynyň, woleýbolçynyň we başgalaryň esasy durgularynda.

## AÝAGYŇY ÝERDEN ÜZ

“El degirdi” oýnunyň şu görnüşinde çülçiniň kowalap barýan döwçüsi çülçä ýetdirmän, aýagyny ýerden üzüp, ýagny, agaçdan aslyşyp dursa, töňňäniň üstüne münse, merdiwana dyrmaşyp dursa, haýata çyksa we ş.m. onda çülçi ol döwçüden sowlup, beýleki döwçüleri kowalap başlaýar. Eger döwçüleriň hemmesi aýaklaryny ýerden üzüp dursalar, onda çülçi aýagyny ýerden üzüp duran döwçüleriň 2-3 metr daşlykda durup, 3-e çenli sanap, döwçä gaçmaga maý berýär. Şondan soň ol döwçini kowalap, tutmaga synanyşýar. Şu oýnuň başga görnüşinde çülçüden gaçyp barýan döwçi birden ýerde oturyp, ellerini arkasynda ýere diräp, aýaklaryny göni ýokary galdyrsa, onda çülçi ondan sowlup, beýleki döwçüleri kowalap tutmaga synanyşýar. Eger çülçi aýagyny ýerden üzüp ýetişmedik döwçini tutsa, onda olar ýerini çalyşýarlar.

## ÝEKE AÝAKDA EL DEGIRDI

Şu oýnuň ýönekeý “El degirdi” oýnundan tapawutlylygy çülçiniň kowalap tutmagynyň, döwçüleriň gaçmagynyň ýeke aýakda bökjekläp, ýerine ýetirilmegindedir. Olar bir aýagyny dyzyndan epip, beýleki aýagynda bökjekläp oýnaýarlar. Ýadan aýaklaryny çalşyp bilerler. Ýöne iki aýagynyň üstünde duran oýunçy tutuldygy hasap edilýar.

## GURBAGALAR

Hemme oýunçylar aýaklarynyň dyzlaryny epip, ellerini gapdaldan öňe, ýere diräp, gurbaga oturyşyny edip oturýarlar. Çülçi oturan ýerinden elindäki ýaglygyny ýokaryk galdyryp, “Men çülçi” diýeninden soň, oýun başlanýar. Döwçüler gurbaga böküşini edip, çülçüden gaçýarlar, çülçi hem şol hereketde döwçüleri kowalap, tutmaga synanyşýar.

# II. TAÝAK BILEN OÝNALÝAN TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

## TAÝAK ATDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Oýun salkyn günler, arassa howada giň tekiz meýdançada oýnalýar. Meýdançada arasy, takmynan, 10–15 ädim bolan iki sany göni çyzyk çyzylýar. Olaryň arasyndan ýene-de bir göni çyzyk çyzylýar. Şol çyzykdan 10–15 sm uzaklykda giňligi 50–60 sm, çuňlugy 15–20 sm çukur gazylýar. Oýny oýnamak üçin 6 sany taýajyklar taýýarlanýar. Taýajyklaryň uzynlygy bir garyş, ýogynlygy 5–10 santimetr, ýagny olar ýere dikileninde oňat durar ýaly bolmaly. Ondan başga-da bellenen pellehanada dikilen taýaklary zyňyp, urmak üçin uzynlygy 1 metre golaý ýörite taýak hem gerek. Oýna gatnaşýan oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, iki topara bölünýärler. Olaryň biri döwçi, beýlekisi bolsa taýakçy bolýarlar. Şondan soň taýakçylar 6 sany taýajyklary alyp, ortaky göni çyzygyň üstünde dikýärler, döwçüler bolsa pellehana baryp, öz aralarynda nobatma-nobat durup, elindäki taýagy bilen dikilgi taýajyklary urmaga taýyar bolup durýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Döwçi toparyň oýunçylarynyň biri pellehanadan çyzygy basman, taýagy bilen ortada düzülen taýajyklary urup, çukura düşürmäge synanyşýar. Eger atylan taýak dürtülen taýajyklara degip, ony çukura düşürse, onda ol ýene-de taýak atmaga hukuk gazanýar. Eger atylan taýak dikilen taýajyklara degmese ýa-da degip, çukura düşmese, onda taýak atmak gezegi nobatdaky oýunça geçýär.

Taýakçylar bolsa çukura düşmedik taýajyklary ortada dikip, atylan taýagy pellehana getirip, döwçülere berýärler. Döwçi toparyň oýunçylarynyň her biriniň 6 gezek taýak atmaga hukugy bardyr. Eger döwçi toparyň oýunçylarynyň öz taýak atma gezeklerinde dikilen taýajyklary urup, çukura düşürip bilmeseler, onda olar ýerlerini çalyşýarlar. Eger hemme taýajyklary çukura düşürip bilseler, onda oýun öňküsi ýaly dowam edýär.

*Oýnuň düzgünleri:*

1. Ortada düzülen taýajyklaryň hemmesini çukura düşüren topar bir utuk san gazanýar.
2. Taýakçylar her gezekde oklanan taýaklary alyp, döwçülere getirip bermelidirler.

## GYZYL TAÝAK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýny düz meýdançada taýak diker ýaly ýerde oýnamak bolar. Oýunçylaryň sanyna görä, uzynlygy 1 metrden gysga bolmadyk göni, sagdyn taýak gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna 10–12 sany oýunçy gatnaşyp biler. Olar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, kimiň taýak dikmelidigini, ýagny taýakçyny belli edýärler. Meýdançanyň bir çetinde oýunçylaryň sanyna görä, göni çyzyk çyzylýar. Şol çyzygyň daşynda oýunçylar eli taýakly durýarlar. Taýakçy beýleki oýunçylaryň duran ýerinde 20–30 metr aralykda meýdançada taýagyny ýere dikýär.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Taýakçy taýagy ýere dikeninden soň, çyzygyň daşynda duran oýunçylar çyzygy basman, dikilgi taýagy urjak bolup, taýaklaryny gezekli-gezegine zyňýarlar. Kim dikilgi taýagy urup bilse, ol esasy çyzykdan taýagynyň uzynlygyna öňe süýşýär we ýene-de dikilgi taýagy urmaga synanyşýar. Ol ýene-de dikilgi taýagy ursa, ýene-de taýagyň uzynlygyna öňe süýşýär. Şeýdip, dikilgi taýaga taýak ýetim golaýlaşýança, oýun ýokarky tertipde dowam etdirilýär. Eger ol taýagy urup bilmese, taýak zyňma gezegi nobatdaky oýunça geçýär. Her gezekde urlup, ýykylan taýagy taýakçy haýal etmän, öňki ýerinde dikip, gapdala çekilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. "Gyzyl taýak" oýny oýnalanda seresap bolmaly. Taýak zyňma nobatyna garaşýanlar bilen taýak zyňýan oýunçylaryň aralygy 3–4 mertden az bolmaly däldir.
2. Hemme oýunçylar urma nobatyny geçireninden soň, taýakçy zyňlan taýaklary ýygnap, oýunçylaryň ellerine gowşurýar. Şoňa çenli taýaklar düşen ýerlerinde ýatýar.
3. Soňky tapgyrlarda oýunçylaryň taýak zyňma nobaty olaryň taýaklarynyň düşen ýeri bilen dikilgi taýagyň aralygyna bagly bolýar. Kimiň taýagy dikilgi taýagyň golaýyna düşen bolsa, urma gezegi şoňa berilýär. Taýagy has uzaga düşen oýunçy taýakçy bolýar.
4. Öňki taýakça taýak zyňma gezegi hemme oýunçylaryň soňundan berilýär.

## ON IKI TAÝAJYK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun bukulmaga amatly bolar ýaly ýerlerde oýnalýar. Oýny oýnamak üçin başam barmakdan ýogynrak, uzynlygy bir garyş, uçlary kütek bolan on iki sany taýajyk gerek. Ondan başga-da ýasylygy bir garyş, uzynlygy 2 metrlik tagta, uzynlygy 50 santimetrlik, ýogynlygy 15–20 santimetrlik togalak agaç ýa-da turba gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, öňbaşçyny we çülçini saýlaýarlar. Galanlary bolsa döwçi bolýarlar. Öňbaşçy iki metrlik tagtany togalak agajyň ýa-da turbanyň üstünde bir çetini ýokaryk, bir çetinem ýere degrip goýýar. Tagtanyň ýere degip duran ýeriniň üstüne 12 taýajygy üýşürip goýýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Öňbaşçy tagtanyň ýokaryk galyp duran ýerine batly basyp, taýajyklary pytradýar. Şol wagt döwçüler çar tarapa dargap bukulýarlar. Çülçi bolsa dargan taýajyklary ýygnap, ýene-de tagtanyň üstüne üýşürýär. Taýajyklary üýşürip bolanyndan soň, döwçüleri gözlemäge başlaýar. Döwçüler çülçä görünmän, tagtanyň üstüne üýşürilen taýajyklary tagtanyň gyrasyndan basyp pytratmaga synanyşýarlar. Çülçi bolsa döwçüleri gözläp tapyp, tutmaga hem tagtany goramaga çalyşýar. Eger döwçüleriň biri özüni çülçä tutdurman, tagtanyň gyrasyndan basyp, taýajyklary pytradyp bilse, onda çülçi pytran taýajyklary ýygnap, tagtanyň üstüne üýşürýär. Şol wagt döwçüler ýene-de bukulmaga gidýärler. Eger-de çülçi döwçüleriň bir oýunçysyny tutaýsa, onda tutulan döwçi çülçi bolýar we oýun täzeden başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Çülçi pytran taýajyklary ýygnap, tagtanyň üstüne üýşürýänçä, döwçüler bukulyp ýetişmelidirler.
2. Öňbaşçy oýnuň gidişine we üýşürilen taýajyklaryň sanyna gözegçilik etmelidir.

## TAÝAK ZYŇDY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýun gündizine bukular ýaly amatly ýerde ýa-da agşamlaryna aý aýdyňda oýnalýar. Oýun üçin uzynlygy 40–50 sm bolan taýak gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançanyň amatly ýerinde giňligi 1 metr bolan tegelek çyzyk çyzylýar. Taýak tegelegiň içinde goýulýar. Oýunçylar bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, çülçi belleýärler. Galanlary bolsa döwçi bolýarlar.





***Oýnuň oýnalyşy.*** Döwçülerden biri tegelek çyzygyň içindäki taýagy alyp, islendik tarapa zyňýar. Çülçi zyňlan taýagy tapýar we tegelek çyzygyň içine getirip goýýar. Şol wagt döwçüler çar tarapa pytrap bukulýarlar. Çülçi taýagy ýerine getirip goýanyndan soň, bukulan oýunçylary gözläp başlaýar. Ol haýsam bolsa bir oýunçyny görüp, adyny tutup gygyrýar we tegelek çyzyga tarap ylgaýar. Ady tutulan we beýleki oýunçylar hem tegelege tarap ylgaýarlar.

Çülçüden soň iň soňky bolup tegelege gelen oýunçy indiki tapgyrda çülçi bolýar. Öňki çülçi taýagy alyp, islendik tarapa zyňýar we beýlekiler bilen bilelikde bukulmaga gidýär. Oýun şeýle tertipde dowam etdirilýär.

***Oýnuň düzgünleri.*** Çülçi taýagy getirip, tegelekde goýansoň, eglenmän bukudakylary gözlemeli.

## ÇILIK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Oýny oýnamak üçin düz meýdan saýlanyp alynýar. Meýdançanyň giňligi, takmynan, 100–120 metr bolsa ýeterlik bolar. Meýdançanyň daşyna hiç hili bellik edilmeýär. Ýöne 7 ýaşdan 12 ýaşa çenli we 12 ýaşdan ýokardaky oýunçylara aýry-aýry toparlar bolup oýnamaklyk maslahat berilýär. Oýunçylaryň her biriniň 1–1,5 metr uzynlykda ýylgyndan ýa-da söwütden ýasalan egremçe taýaklary bolmaly. Çilik ýerine bolsa, kiçeňräk mal süňki ýa-da tokgaja ýylgyn töňňesi, ýogynrak ujy çiş taýajyk, rezin tennis topy ulanmak bolýar. Meýdançanyň ortasynda

giňligi 50 santimetre golaý çukur – “guduk” gazylýar. Oýunçylaryň sany 8-den 12-ä çenli bolup biler.

***Oýna taýýarlyk.*** Çilik oýnunyň toparlara bölünmeýän we iki topara bölünip oýnalýan görnüşleri bardyr.

***Oýnuň toparlara bölünmän oýnalýan görnüşi.*** Oýny oýnamak isleýänler jemlenenlerinden soň, gudukdan 15–20 ädim daşlykda kese çyzyk çyzylýar. Oýna çülçi bellemek üçin oýunçylar çyzygyň daşyndan elindäki taýaklaryny gezekme-gezegine guduga zyňýarlar. Kimiň taýagy guduga zyňlan taýaklardan iň uzaga düşse, şol oýunçy çülçi bolýar. Galanlary bolsa döwçi bolýarlar. Eger oýunçylaryň hemmesiniň taýaklary deň düşse, onda taýaklary täzeden zyňmaly bolýar. Bu usul tä çülçi belli bolýança dowam etdirilýär. Eger zyňlan taýagyň egremçesi gudugyň içine doly girip, düýbüne ýetse, oňa “hokga” diýilýär. Eger egremçäniň burny guduga sallanyp dursa, oňa “üçek”, eger gudugyň üstünde kese germelip ýatsa, oňa “gapak”, gudugyň çetinde ýatsa, oňa “ýarty gapak” diýilýär.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Çülçi bolan oýunçy çiligi eline alyp, gudugyň üstünden aşak oklap, guduga düşürjek bolýar. Şol wagt döwçüler gudugyň töwereginde öz taýaklary bilen çiligi guduga gaçyrmajak bolup, ony gudukdan daşyna urmaga çalyşýarlar. Eger döwçüleriň biri taýagy bilen çiligi gudukdan uzaga uraýsa, onda döwçüleriň hemmesi we çülçi çilige tarap ylgaýarlar. Çülçi döwçülerden öňe düşüp, çiligi taýagy bilen urup, guduga tarap alyp gaýdyp, ony guduga düşürmäge synanyşýar. Döwçüler bolsa çiligi taýak bilen biri-birlerine berip, gudukdan has daşlaşdyrmakçy bolýarlar. Eger çülçi çiligi taýagy bilen urup, guduga düşüräýse, onda ol gapdalynda duran döwçüleriň birini taýagy bilen dürtýär. Taýak bilen dürtülen döwçi çülçi bolýar,öňki çülçi bolsa döwçüleriň hataryna geçýär. Eger oýnuň başynda çülçiniň gudugyň üstünden oklan çiligini döwçüleriň hiç biri taýagy bilen urup bilmän, ony guduga duşürse, onda hem çülçi töwereginde duran döwçüleriň birini taýagy bilen dürtmeli. Taýak bilen dürtülen döwçi çülçi bilen ýerini çalyşýar we oýun täzeden dowam etdirilýär. Eger gudugyň üstünden oklanan

çilige döwçüleriň taýaklary degmän, ol gudugyň gyrasynda ýatsa, onda döwçüleriň hiç biriniň çilige çülçüden öň degmäge haklary ýokdur. Şol wagt çülçi çaltlyk bilen her hili emelleri ulanyp, çiligi guduga düşürjek bolup synanyşýar. Döwçüler bolsa oňa päsgel bermäge we çiligi gudukdan has uzaga zyňmaga çalyşýarlar. Eger gudugyň gyrasynda ýatan çiligi guduga salmak çülçä başardaýsa, onda ol döwçüleriň birini taýagy bilen dürtýär we çülçülikden çykýar. Eger çülçi çiligi guduga atyp, döwçüleriň birini taýak bilen dürtüp ýetişmese, onda öňki çülçüligine galýar. Çülçi döwçüleriň çiligi oýnap ýören wagtynda hem taýagy bilen dürtüp ýetişse, onda ol çülçülikden çykýar. Oýnuň dowamynda döwçüler çülçüden gaça durup, taýak bilen dürtdürmejek bolýarlar.

***Oýnuň iki topara bölünip oýnalýan görnüşi.*** Oýunçylar öz aralarynda iki sany öňbaşçy saýlaýarlar. Galanlary ikibir-ikibir bolup, gezekli-gezegine azaşmak bilen güýji deň iki topara bölünýärler. Toparyň öňbaşçylary bije atyşyp, haýsy toparyň döwçüdigini, haýsynyň bolsa çülçüdigini kesgitleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýnuň oýnalyşy edil topara bölünmän oýnalýan görnüşi ýaly, ýöne indi döwçi toparyň oýunçylarynyň oýnaýan çiligini çülçi toparyň hemme oýunçylary almak üçin hüjüm edýärler. Çülçi toparyň bir oýunçysy bolsa gudugyň ýanynda, çiligi guduga saldyrmajak bolup, sakçylyk edýär. Döwçüler çiligi guduga düşürjek bolup synanyşýarlar, çülçüler bolsa gudugy gorap, çiligi gudukdan daşlaşdyrmakçy bolýarlar. Eger döwçüler çiligi guduga düşüräýseler, onda olara bir utuk san berilýär. Çülçüler döwçüler bilen ýerini çalşyp, oýun täzeden çülçüleriň çiligi guduga oklamaklary bilen başlanýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýun wagtynda oýunçylaryň ellerine, aýaklaryna we başga ýerlerine taýak degip, zeper ýetmezlik üçin toparyň oýunçylarynyň sany 4–5-den köp bolmaly däldir.
2. Çukuryň (gudugyň) ýerine giňligi 50 santimetr bolan tegelek çyzyk hem bolup biler.
3. Çilik oýna girizilenden soň, oňa el degirmek bolmaýar.

## HEKGAL

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa gerek serişdeler.*** Hekgal oýnuny oýnamak üçin giň, tekiz meýdança gerek. Meýdançanyň giňligi takmynan, 100–150 ädim bolmaly. Oýun diňe iki oýunçy bolup oýnalýar. Olaryň hersinde uzynlygy 1 metrden gysga bolmadyk taýagy bolmaly. Uzynlygy 1 sere, ýogynlygy başam barmak ýaly hekgal taýajygy hem gerek.

***Oýna taýýarlyk.*** Meýdançanyň ortasynda ýalpagrak guduk (çukur) gazylýar. Hekgal taýajygyny gudugyň üstünde germäp goýmaly. Oýunçylar bije atyşyp, kimiň döwçüdigini we kimiň hekgalçydygyny kesgitleýärler.



***Oýnuň oýnalyşy.*** Döwçi gudugyň üstüne germelen hekgal taýajygyny, elindäki taýagynyň ujy bilen aşagyndan ýokaryk galdyryp, şol wagtyň özünde ony meýdançanyň haýsam bolsa bir tarapyna urýar. Eger taýagyň ujy bilen ýokaryk galdyrylan hekgaly urup bilmese, onda olar ýerlerini çalyşýarlar. Eger döwçi ýokaryk galdyrylan hekgaly urup bilse, onda hekgalçy hekgal taýajygynyň düşen ýerinden hekgaly alyp, guduga tarap oklaýar.

Hekgalçy hekgaly guduga oklamanka, döwçi öz taýagyny gudugyň üstüne germäp goýýar. Eger oklanan hekgal gudugyň içine düşse ýa-da guduga germelen taýaga degse, onda hem oýunçylar ýerlerini çalyşýarlar. Eger hekgal taýajygy guduga ýetmän, gapdala düşse, onda döwçi hekgal taýajygyny üç gezek urup, gudukdan daşlaşdyrmaga hukuk gazanýar. Ol hekgal taýajygynyň bir çüňküne urup, ýokaryk bökdürip, ony taýagy bilen urup, gudukdan daşlaşdyrýar. Şeýdip, üçünji gezek hem urup, gudukdan daşlaşdyranyndan soň, hekgalyň düşen ýeri bilen guduk aralygy hasaplanýar. Aralyk hekgal boýy bilen ölçenýär. Mysal üçin, bir oýunçy 100 hekgal boýy diýip çak etse, beýleki 90 hekgal boýy diýip çaklaýar. Eger döwçiniň çak eden sany guduga ýetmese ýa-da gudukdan geçse, onda olar ýerlerini çalyşýarlar. Eger şol aralyk ölçelip gelinýärkä hekgalyň ujy guduga gaçsa ýa-da içine girse, onda öňki-öňkülik bolýar. Eger hekgalçynyň çak eden sany gabat gelse, onda ol hekgalçylykdan çykýar. Eger gabat gelmese, onda oýun öňküligine dowam etdirilýär. Her gezekde utan oýunçy bir utuk san gazanýar. Umumy utuk san 100–150-ä çenli bellenilýär. Bellenilen sana ilkinji ýeten oýunçy utan hasap edilýär. Utan oýunça hekgaly gudukdan taýagynyň ujy bilen ýokaryk galdyryp, üç gezek urmaga hukuk berilýär.

Hekgalçy her gezek urlan hekgaly alyp, ýeke aýakda bökjekläp, uwlap, hekgaly getirip, gudugyň üstünde germäp goýmaly. Şeýdip, utulanyny boýnuna almaly.

***Oýnuň düzgünleri.*** Hekgal taýajygynyň düşen ýeri bilen gudugyň aralygy ölçelende oýunçylar hekgal taýajygyny ýa-da elindäki urýan taýagyny ulanyp bilerler.

## LEŇKE

Leňke oýny çagalaryň höwes bilen oýnaýan oýnudyr. Çagalar bu oýny oýnamak üçin goýnuň ýa-da geçiniň derisinden 3–5 santimetr bölegi tegeläp, kesip alýarlar. Oňa agramlyk üçin ýörite gurşuny deriniň ýeňsesinden berkidýärler. Aýagyny agyrtmazlyk üçin gurşun

ýasy edilip guýulýar. Gurşunyň iki ýeri sapak geçirmek üçin deşilýär. Agyrlyk berlen ýüňli leňke aýagyň dabanynyň üsti, daşky we içki gapdallary bilen urmaga amatly bolmalydyr. Esasanam onuň agramy çagalaryň ýaş aýratynlyklary bilen bagly bolmalydyr.

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Leňke oýnuny çagalar howanyň salkyn wagtlary, ýagny güýz, ýaz pasyllary açyk howada oýnaýarlar. Oýna 3–5 oýunça çenli gatnaşyp biler. Oýna gatnaşýanlaryň her biriniň öz leňkesi bolmalydyr. Oýunçylar bije atyşyp, haýsy oýunçynyň oýny birinji başlamalydygyny kesgitleýärler. Şondan soň olar öz aralarynda belli bir sany kesgitleýärler. (100, 150, 200).

***Oýnuň oýnalyşy.*** Leňke oýnunyň birnäçe görnüşleri bardyr.

***Oýnuň birinji görnüşi.*** Oýny birinji başlaýan oýunçy leňkäni eline alyp, ony ýokary oklap, islendik aýagynyň, dabanynyň içki tarapy bilen leňkäni urup, san gazanyp başlaýar. Her urgudan soň aýagyny ýere degirmeli. Her urga bir san berilýär. Eger oýunçy bellenen sana leňkäni bir aýagy bilen yzyny üzmän, urup ýetse, onda ol bir utuk san gazanyp, oýnuň ikinji görnüşine başlaýar. Eger ol bellenilen sana ýetmän, belli bir sanda leňkäni gaçyrsa, onda gezek nobatdaky oýunça berilýär. Öňki leňkäni gaçyran oýunçy bolsa öz gezeginde oýny gazanan sanyndan başlaýar.

***Oýnuň ikinji görnüşi.*** Nobatdaky oýunçy leňkäni eline alyp, ony ýokary oklap, iki aýagynyň, dabanyň içki tarapy bilen leňkäni gezekli gezegine urýar. Her aýagy bilen urlan leňkä bir san berilýär. Şu tertipde kim ilkinji bellenilen sana ýetse, onda oňa bir utuk san berilýär. Oýnuň beýleki düzgünleri oýnuň birinji görnüşindäki ýaly.

***Oýnuň üçünji görnüşi.*** Nobaty gelen oýunçy leňkäni eline alyp, ony ýokary oklap, bir gezek bir aýagynyň dabanynyň içki tarapy bilen, ikinji gezek beýleki aýagynyň dabanynyň daşky tarapy bilen urýar. Her aýagy bilen urlan leňkä iki san berilýär. Oýunçylaryň özara gürleşmekleri bilen leňkäni bir aýagynyň dabanynyň içki we daşky tarapy bilen hem urup bilerler. Her urgudan soň, aýagyny ýere degirmelidirler. Şu tertipde kim bellenilen sana öň ýetse, onda oňa bir utuk san berilýär.

***Oýnuň dördünji görnüşi.*** Oýunçy leňkäni eline alyp, ony ýokaryk oklap, bir aýagynyň dabanynyň içki tarapy bilen aýagyny ýere

degirmän, hetjiklemek bilen leňkäni urup, san gazanýar. Her urga iki san berilýär. Şu tertipde kim bellenilen sana ilki ýetse, onda oňa bir utuk san berilýär.

***Oýnuň bäşinji görnüşi.*** Oýunçy elindäki leňkäni ýokaryk oklap, onuň yzyndan özi hem ýokarlygyna böküp, leňkäni urýan aýagyny beýleki aýagynyň içinden geçirip, dabanyň içki tarapy bilen urup, utuk san gazanýar. Şu tertipde leňkäni ýere gaçyrman, oýny dowam etdirýär. Her urga on san berilýär. Kim bellenilen sana ilki ýetse, onda oňa bir utuk san berilýär.

***Oýnuň altynjy görnüşi.*** Oýunçy elindäki leňkäni ýokary oklap, onuň yzyndan özi hem ýokarlygyna böküp, leňkäni urýan aýagyny beýleki aýagynyň ýeňsesinden geçirip, dabanyň içki tarapy bilen urup, san gazanýar. Her urga on bäş san berilýär.

***Oýnuň ýedinji görnüşi.*** Oýunçy iki aýagyny ýerde jüp goýup, elindäki leňkäni ýokary oklap, leňkäni ýere gaçyrman, böküp, jüp aýagynyň daraklygynyň üsti bilen ony urup, san gazanýar. Her urga 25 san berilýär. Kim bellenilen sana ilki ýetse, onda bir utuk san berilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Leňke oýnunyň hemme görnüşlerini goşup, bir oýun görnüşinde ýa-da oýnuň görnüşlerini aýry-aýrylykda hem oýnap bolýar.
2. Her urga berilýän sanlar oýunçylaryň ylalaşygyna baglydyr. Olaryň ýaş aýratynlyklary, oýnuň çylşyrymlylygy göz öňünde tutulyp kesgitlenimelidir.
3. Oýunçylar aýaklary bilen leňkäni uranlarynda olaryň aýaklary agyrmaz ýaly, aýaklaryna gonçly, ökjesiz, rezin aýakgap geýmeklik maslahat berilýär.

# III. SUWDA OÝNALÝAN TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Suwda oýnalýan oýunlar tomus aýlary, suwa düşülýän wagtlary deňiz-derýanyň ýalpagrak ýerlerinde, ulurak suw olumlarynda, howuzlarda oýnalýar. Oýun oýnaljak ýer suwuň gaty çuň ýerinden saýlanyp alynmaly däldir. Oýnaljak ýeriň hemme çäkleri oýunçylary boýlamaly däldir. Oýun başlamazdan ozal, onuň oýnaljak ýerinde suwuň düýbüni gowy edip arassalamaly. Onda çüýşe gyýyk, tiken, agaç kökleri, gyýyk kerpiç, daş we beýleki päsgel beriji zatlar bolmaly däldir. Suwda oýnalýan oýunlary oýnaýan oýunçylar suwda oňat ýüzmegi, suwda çümüp, her dürli hereketleri çalasynlyk bilen ýerine ýetirmekligi, suwda aşyr atmagy we başga çylşyrymly hereketler etmegi başarmalydyrlar.

## ŞALLAK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Şallak oýnuny oýnamak üçin deňiz-derýalaryň, suw olumlaryň, howuzlaryň ýalpagrak ýerleri saýlanyp alynýar. Oýna gatnaşýan oýunçylaryň sanyna görä, oynaljak ýer çäklendirilýär. Çäklendirilen ýeriň her çetinde bellik goýulýar. Şondan soň oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, sanawaç sanaşyp, bir oýunçyny çülçi saýlaýarlar. Beýleki oýunçylar döwçi bolýarlar. Döwçüler suwuň gyrasynda ýüzlerini suwa tarap edip, hatara düzülip durýarlar. Çülçi bolsa olardan on metr yzagrakda durýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Çülçi belli bir sana (10–15) çenli sanaýar. Şol wagt döwçüleriň hemmesi suwa urup, çäklendirilen meýdançadan çykman dargaýarlar. Çülçi bellenilen sana çenli sanap, ol hem ylgap özüni suwa urup, döwçüleri kowalap başlaýar. Çülçi suwda ýüzüp, çümüp, her dürli hereketleri edip, döwçüleriň yzyndan ýetip, onuň kellesine elini degirmäge synanyşýar. Döwçüler bolsa çäklendirilen ýerden çykman, çülçüden gaçyp, oňa ýetdirmejek bolup synanyşýarlar. Eger çülçi döwçüleriň biriniň yzyndan ýetip, onuň kellesine elini degirse,

onda döwçi çülçi bolýar, çülçi bolsa döwçi bolýar. Oýun şu tertipde dowam etdirilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Çülçi döwçüleriň yzyndan ýetip, elini diňe kellesine degrenden soň, çülçülikden çykýar.
2. Täze çülçi özüniň çülçüdigini hemme oýunçylara elini galdyryp, mälim etmelidir.
3. Oýnuň başga görnüşinde meýdançanyň çäginden çykman, çülçi döwçüleriň biriniň yzyndan ýetip, onuň islendik ýerine elini degrip bilse, onda olar ýerlerini çalyşýarlar we oýun täzeden dowam etdirilýär.

## ÖWHÄ

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlvk.*** Bu oýun suwuň ýalpak ýerinde oýnalýar, ýagny suw çagalaryň guşaklygyndan ýokary bolmaly däldir. Oýunçylar öz aralarynda iki topara bölünip, suwuň içinde ýüzbe-ýüz, iki hatar bolup durýarlar. Iki hataryň arasy 1–1,5 metr bolmaly. Oýna gatnaşýanlardan birini emin edip goýýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Eminiň rugsady bilen iki toparyň oýunçylary biri-birlerine elleri bilen suw sepişýärler. Haýsy oýunçy suw sepişmekde ýadap dursa, sepilen suw batly ýüzüne degip, arkan öwrülse, aljyrap, suwa çümse, onda ol oýundan çykarylýar. Şu tertipde haýsy topar suw sepişip, garşydaşynyň hemme oýunçysyny oýundan çykarsa, onda şol topara bir utuk san berilýär. Haýsy topar köp utuk san gazansa, şol hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Oýunçylar ýüzbe-ýüz iki hatar bolup, suw sepişenlerinde, biri-birlerine ellerini degirmeli däldirler.

# IV. AŞYK BILEN OÝNALÝAN OÝUNLAR

Hereketli oýun hasaplanýan türkmen milli aşyk oýny köplenç howanyň salkyn wagtlary, güýz ýa-da gyş aýlary oýnalýar. Ony gündizine daşarda, gijesine bolsa bir öýe ýygnanyşyp oýnaýarlar. Bu oýny ýaş oglan-gyzlardan başlap, tä orta ýaşly adamlara çenli güýmenje oýun hökmünde oýnaýarlar.

Oýna gatnaşjak oýunçylaryň ýanynda kenegi hem-de bir oýnamdan (4 aşyk) az bolmadyk aşygy bolmalydyr. Şol talap edilýän zatlar bolmasa, olary oýna goşmaýarlar. Şol sebäpli oýunçylara ýüzlenip, degişme äheňinde şeýle diýilýar:

Bir aşyk bilen bit oýnar,
Iki aşyk bilen it oýnar,
Üç aşyk bilen kim oýnar,
Dört aşyk bilen biz oýnarys.

Beýle diýildigi oýnam (4 aşyk) aşygyň bolmasa, oýna goşamzok diýildigidir.



Oyunçylaryň çep eli ýa-da sag eli bilen oýnaýyşlary ýaly, aşyklaryň hem çepi, sagy bolýar.

Aşyk bilen oýnalýan oýunlarda aşygyň dört tarapy göz önünde tutulýar: onuň oýrak gapdaly – alçy, beýleki gapdaly – ek, towha ýa-da tagan, arka tarapyna–dükge, tükge ýa-da bükge, ýüzin tarapyna – jikge ýa-da çikge diýilýär.

Oýunçylar aşyklaryň arasyndan uluragyny, berkrägini, owadanyny saýlap, özüne kenek edinýärler. Saýlanyp alnan kenegiň hemme tarapyny kerpije ýa-da daşa sürtüp, tekizläp, onuň 2–3 ýerinden biz bilen deşik deşip, oňa eredilen gurşun guýýarlar. Eger guýlan gurşun aşyk bilen bile guýlan bolsa, onda onuň gyralaryny ýiti zat bilen endigan ýonup, gyrdap, ýerde tekiz ýatar ýaly edip bejerýärler.

## TÄNDIRME

Bu oýun aşyk oýunlarynyň içinde iň gyzyklysy, çylşyrymlysydyr.

“Tändirme” oýnuny tejribeli oýunçylar ussatlyk bilen oýnaýarlar. Oýun açyk howada, tekiz meýdançada oýnalýar. Oýna 4–6 oýunçy gatnaşyp biler.

***Oýna taýýarlyk.*** Oýna gatnaşýan oýunçylaryň her biri orta bir aşygy oklamaly. Her oýunçynyň aşygy tanalar ýaly, dürli reňkde bolmalydyr. Oýunçylaryň razyçylygy bilen bir oýunça ýere oklanan aşyklary sülmäge ygtyýar berilýär. Bu oýunda aşyklar ýokary oklanyp sülnende, olaryň alçy ýa-da towha gopuşyna, tükge ýa-da jikge ýatyşyna baglydyr. Haýsysynyň artyk hukuga, ygtyýara eýediklerine görä, şeýle orun berilýär:

Birinji orun “alça” berilýär.
Ikinji orun “towha” berilýär.
Üçünji orun “tükgä” berilýär.
Dördünji orun “jikgä” berilýär.

Tändirme diýmek – bir ýatan aşygy ikinji bir aşyk bilen urup, beýlesine öwürmekdir, ýagny jikge ýatan aşygy tükgä, tükge ýatan aşygy jikgä öwürmekdir.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Sülmäge ygtyýar berlen oýunçy ýere oklanan dürli reňkdäki aşyklary eliniň aýasyna alyp, ýokary oklap sülýär. Sülnende aşyklaryň ikisi alçy, ikisi hem towha gopsa, onda aşyklar täzeden sülünýär. Eger aşyklar sülnende olaryň biri alçy gopsa, beýleki aşyklar tükge ýatsa, onda alçy gopan aşygyň eýesi hemme tükge ýatan aşyklary alýar we oýun täzeden başlanýar. Eger aşyklar sülnende onuň biri towha gopsa, beýlekileri jikge ýatsa, onda towha gopanyň eýesi hemme jikge ýatan aşyklary alýar we oýun täzeden başlanýar. Eger aşyklar sülnende onuň biri alçy gopsa, biri tükge ýatsa, onda alçy gopanyň eýesi tükge ýatan aşygy alyp, jikge ýatan aşyklary ýeke-ýekeden tändirýär, eger iki tükge, bir jikge ýatsa, onda tükge ýatanlary alýar we jikge ýatany tändirýär. Eger aşyklar sülnende biri towha ýatsa, biri jikge ýatsa, onda towha gopanyň eýesi jikge ýatan aşygy alyp, tükge ýatanlary tändirýär. Eger iki jikge, biri tükge ýatsa, onda jikge ýatanlary alýar we tükge ýatany tändirýär.

Alçy gopan aşygyň eýesi jikge ýatan aşyklary ýeke-ýekeden öz aşygy bilen urup, tükge görnüşinde tändirmäge başlaýar. Eger urlan aşyk tänip, tükge ýatsa, öz aşygam jikge ýatsa, onda ol hemme ýerde ýatan aşyklary utdurýar. Muňa “iýdi” diýilýär. Eger towha gopan aşygyň eýesem tändireneninde şular ýaly ýagdaý bolsa, onda ol hem aşyklaryny “iýdirýär”. Şu tertipde oýun dowam etdirilýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Aşyk utduran oýunçylar reňkli aşyklaryň ýerine başga aşyk berip bilerler.
2. Eger tändirýän we tändirilýän aşyklaryň biri alçy, birem towha gopsa ýa-da ikisem alçy ýa-da towha gopsa, onda her kim öz aşygyny alyp, oýun täzeden dowam etdirilýär.

## JIKGE – TÜKGE

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Oýun tekiz meýdançada oýnalýar. Oýna 5–6 oýunçy gatnaşyp biler. Oýna gatnaşýanlar meýdançada göni çyzyk çyzyp, şerte görä, olaryň hersi 2–3 aşygy çyzykda

hatara düzüp goýýarlar. Soňra olar bije atyşyp, nobat belleşýärler we pellehananyň çyzygynam çyzýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýunçylar nobatma-nobat pellehanadan kenekleri bilen aşyklary atyp, urmaga başlaýarlar. Eger kimiň kenegi aşyga degip, ol aşyk kenek bilen bir görnüşde jikge ýa-da tükge ýatsa, onda ol aşygy özüne alýar we ol ýene kenegiň ýatan ýerinden aşyklary atmaga hukuk gazanýar. Eger urlan aşyk kenek bilen bir görnüşde ýatmasa, onda nobat beýleki oýunça geçýär. Beýleki oýunçylar hem şu tertipde oýny dowam etdirýärler. Haýsy oýunçy köp aşyk alsa, şol hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Oýunda kenek aşyklar bilen birmeňzeş alçy ýa-da towha gopsa, onda ol hasap edilmeýär we aşyklar täzeden çyzykda dikilýär. Nobat beýleki oýunça geçýär.

## ÜÇEM

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Bu oýun oglan-gyzlaryň arasynda iň bir giňden ýaýran oýunlaryň biridir. Oýun gündizine daşarda, gijelerine bolsa bir öýe ýygnanyşyp oýnalýar. Oýunçylaryň sany 2-den 5–6-a çenli bolup biler. Oýny oýnamak üçin oýunçylar üç sany sagdyn aşygy saýlap, utuk san toplamak üçin 20, 30, 50 ýaly belli bir sany belleýärler. Şondan soň olar bije atyşyp, kimiň oýny ilkinji başlamalydygyny kesgitleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Bijesi çykan oýunçy aşyklary alyp, ýokary oklap sülýär. Utuk san gazanmak sülnen aşyklaryň ýerde ýatyşyna baglydyr. Eger aşyklar üç alty ýa-da üç towhy gopsa, üç tükge ýa-da üç jikge ýatsa, onda aşyk sülen oýunçy üç utuk san gazanýar we oýny dowam etdirýär. Eger sülnen aşyklar ýere “ala” düşse, ýagny dürli görnüşde - biri alçy, biri jikge, biri towha we ş.m. onda sülme nobaty beýleki oýunça geçýär. Oýun şu tertipde dowam edýär. Kim bellenilen sana ilki ýetse, şol hem utýar.

***Oýnunyň başga görnüşleri.*** Oýnuň bu görnüşinde hemme sülnen aşyklar bir görnüşde ýatsalar, onda sülen oýunçy utuk san alýar.

Soňra ol ýene-de sülýär. Eger bu gezek aşyklaryň ikisi tükge, üçünjisi hem jikge ýatsa, onda aşyk sülen oýunçy jikge ýatan aşygy pitikläp, tükge ýatan aşygyň birine degirse, onda ol bir utuk san gazanýar we oýny dowam etdirýär. Eger ol bir aşygy pitikläp, beýlekä degrip bilmese, onda nobat indiki oýunça geçýär. Eger sülnen aşyklar "ala" ýatsa, biri tükge, biri jikge, biri alçy bolsa onda-da sülme nobaty beýleki oýunçylara geçýär. Oýun şu tertipde dowam edýär. Kim bellenilen sana ilki ýetse, şol hem utýar.

Aşyklar sülnende iki aşyk alçy, biri towha gopsa, onda towha gopan aşygy alçy gopdurmak üçin ony üç gezek sülmäge rugsat berilýär. Eger ol üç gezegiň içinde alçy gopsa, onda sülen oýunça bir utuk san berilýär. Eger aşyklar sülneninde iki aşyk towha, biri alçy gopsa, onda alçy gopan aşygy hem üç gezek sülmeli. Sülýän oýunçy alçy gopan aşygyny towha gopduryp biläýse, onda ol bir utuk san gazanýar. Eger sülnen aşyklar "ala" ýatsa, onda sülme gezegi nobatdaky oýunça berilýär. Şu tertipde kim bellenilen sana öň ýetse, şol hem utýar.

Bijesi çykan oýunçynyň, sülen aşyklarynyň üçüsem alçy gopsa, onda oňa üç utuk san berilýär. Eger üç towha gopsa, iki utuk, üç tükge ýa-da üç jikge ýatsa, bir utuk san berilýär. Utuk san gazanan oýunçylaryň ikinji sapar sülen aşyklarynyň üçüsi alçy gopsa, onda oňa dokuz utuk san berilýär. Eger üçüsi towha gopsa, alty utuk, üç tükge ýa-da üç jikge ýatsa-üç utuk san berilýär. Sülnen aşyklar „ala" ýatsa, onda sülme gezegi nobatdaky oýunça berilýär. Oýun şu tertipde oýnalyp, kim bellenilen sana ilki ýetse, şol hem utýar. Bellenilen sana ilki ýeten (utan) oýunçy beýleki oýunçylar hem şol sana ýetýänçä, garaşmaly bolýar. Netijede kim yza galyp bellenen sana ýetse, onda oňa degişme äheňinde (oturup-turmak, togalamak, aşyr atmak, aýdym aýtmak, goşgy okamak, tans etmek) ýaly ýumuşlar berilýär.

## ÇAGŞAL

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Bu oýun salkyn günler açyk howada oýnalýar. Oýny oýnamak üçin tekiz meýdança saýlanyp alynýar. Oýunçylaryň ýaş aýratynlyklaryna görä, meýdançada tegelek

çyzylýar. Tegeliň ortasynda aşyk diker ýaly göni çyzyk geçirilýär. Oýna 5–6 oýunçy gatnaşyp biler. Olaryň her biri iki aşykdan ortaky çyzygyň üstünde dikýärler. Oýna gatnaşmaýan oglanlardan birini emin belleýärler. Şondan soň oýunçylaryň ylalaşygy bilen tegelek çyzygyň iki tarapyndan belli bir uzaklykda çyzyk çyzylyp, pellehana bellenilýär. Oýnuň emini oýunçylara keneklerini ýokary oklap, süldürip, nobatlaryny belli edýär.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Nobaty birinji çykan oýunçy pellehananyň çyzygyny basman, öz kenegi bilen tegelegiň ortasynda dikilen aşyklary urup, tegelek çyzykdan çykarmaga synanyşýar. Eger atylan kenek aşygy urup, tegelek çyzykdan çykarsa, onda çyzykdan çykan aşygy alyp, ol tegelek çyzygyň daşyndan ýene-de kenegi bilen aşyklary urmaga hukuk gazanýar. Eger ol ýene-de aşygy urup, tegelek çyzykdan çykarsa, onda ol ýene-de şol tertipde oýny dowam etdirýär. Eger aşygy urup, tegelek çyzykdan çykaryp bilmese, onda kenek atmak nobaty beýleki oýunça berilýär. Şeýlelikde, oýun şu tertipde tegelek çyzykdaky aşyklaryň hemmesi kenek bilen urlup, daşyna çykarylýança dowam edýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýunçylar pellehanada ýa-da tegelek çyzygyň daşyndan kenegini aşyklardan atanynda çyzyklary basmaly däldir.
2. Tegelekdäki aşyk bilen tegelek çyzygyň arasy bir garyşdan az bolsa, onda ony kenek bilen çiltip, urmak bolýar. Eger arasy bir garyşdan kän bolsa onda oňa elini uzadyp, çiltip urmak bolmaýar.

## ÜÇ DABAN

***Oýnuň oýnaljak ýeri.*** Oýun tekiz meýdançada oýnalýar. Oýna ýany kenekli we aşykly iki we ondanam köp oýunçy gatnaşyp biler.

***Oýna taýýarlyk.*** Bu oýny oýunçylar bir kenekli we iki kenekli oýnap bilerler. Meýdançanyň ortasynda oýunçylar keneklerine görä, aşyklary biri-birine degmez ýaly aralykda dikip goýýarlar. Dikilgi duran aşyklardan on ädim çemesi daşlykda kese çyzyk çyzylýar.

Şondan soň oýunçylar gezek bellemek üçin keneklerini ýokary oklap sülýärler. Kimiň kenegi alçy gopsa, şol birinji, kimiňki towha gopsa-ikinji, galanlary ýene-de şu tertipde sülşüp, gezek alýarlar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Oýunçylar kenegi başam barmak bilen süýem barmagyň arasynda pyrlap, öz gezegi gelýänçä, bellenilen kese çyzykda garaşyp durýarlar. Gezegi birinji çykan oýunçy çyzygyň daşyndan hatara duran aşyklary nyşana alyp, kenegi batly atýar. Eger atylan kenek aşygy urup, daşa göçürse, onda aşygyň düzülen ýerinden düşen ýerine çenli daban bilen ölçenilýär. Aralyk üç dabana ýetse, onda ol uran aşygyny alyp, kenegiň ýatan ýerinden düzülen aşyklara tarap kenegini atmaga hukuk gazanýar. Oýun şu tertipde tä hemme aşyk alynýança, dowam edýär. Eger gezegi birinji alan oýunçynyň kenegi aşyklara degmese ýa-da degip, aşygyň arasy üç dabandan az bolsa, onda kenek atmak gezegi indiki oýunça geçýär.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Kenegi çyzygyň daşyndan çyzygy basman atmaly.
2. Iki kenek bilen oýnaýan oýunçy orta iki aşyk dikenligi üçin iki adam oýnaýanlygy hökmünde bolmaly.
3. Urlup göçürilen aşygyň arasy üç dabandan az bolsa, onda aşygy öňki ýerinde düzüp, kenek atmak gezegi indiki oýunça geçýär.

## AJYDYP ALMAK

Bu oýnuň hem oýnaljak ýeri we oýna taýýarlygy edil “Üç daban” oýnunyňky ýaly.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Gezegi birinji çykan oýunçy bellenilen çyzykdan ortada düzülen aşyklara kenegi çenäp atýar. Eger atylan kenek aşyga degip, ýerinden göçürse, kenegem togalanyp, alçy gopsa, onda ol aşygy alyp, kenegiň düşen ýerinden kenegi bilen düzülen aşyklary atmaga hukuk gazanýar we oýny dowam etdirýär. Eger atylan kenek aşyklara degmese, degse-de alçy gopmasa, onda gezek indiki oýunça berilýär. Oýun tä düzülen aşyklar urlup gutarýança, dowam edýär. Netijede, köp aşyk alan ýeňiji bolýar.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Oýny bir ýa-da iki kenekli oýnamak bolýar.
2. Urlup göçen aşyklaryň arasy daban bilen ölçenilmeýär.
3. Atylan kenek aşyga degip, alçy gopmasa, onda ol aşygy ýerinde goýup, gezegi beýleki oýunçylara berýär.

## GAPAKLY

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Bu oýun güýz, gyş aýlary gara öýüň içinde, eýwanda, öýde gazanyň gapagynyň ýa-da islendik tagta gapagyň üstünde oýnalýar. Oýny 3–4 oýunçy bolup oýnaýarlar. Oýnamak nobaty sanawaç üsti bilen ýa-da aşyklary sülmek arkaly belli edilýär. Oýny oýnamak üçin her oýunçy bir aşykdan orta goýýar.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Nobaty birinji çykan oýunçy aşyklary alyp, gapagyň üstüne ýokary oklap sülýär. Sülnen aşyklaryň içinde birmeňzeş ýatany bar bolsa, onda sülen oýunçy olaryň birini beýlekisi bilen pitikläp, urup, gapakdan gaçyrmaly. Gapakdan gaçyran aşygyny özüne alyp, beýleki birmeňzeş ýatan aşyklary pitikläp, urup, gapakdan düşürmäge hukuk gazanýar. Eger ol aşygy pitikläp, urup bilmese ýa-da urup gapakdan gaçyrmasa, onda oýnamak nobatyny beýleki oýunçy alýar. Oýun şu tertipde gapakdaky aşyklaryň hemmesi urlup, ýere gaçyrylýança, dowam edýär. Kim köp aşyk alsa, şol hem utýar.

***Şu oýnuň başga görnüşinde:***

1. Nobaty gelen oýunçynyň gapagynyň üstüne sülen aşyklary alçy ýa-da towha gopsa, onda alçy gopan aşygyň eýesi tükge ýatan aşygy alýar. Towha gopan aşygyň eýesi bolsa jikge ýatan aşygy alýar. Eger aşyklar sülnende alçy ýa-da towha gopmasa, onda sülen oýunçy aşyklary biri-biri bilen pitikläp, urup, gapakdan gaçyrmaly.
2. Nobaty gelen oýunçynyň gapagyň üstüne sülen aşyklary alçy ýa-da towha gopsa, onda onuň eýeleri özüniň tükge ýa-da jikge ýatan aşyklaryny pitikläp, tändirip ýa-da pitikläp urup, gapakdan gaçyryp almaly.

***Oýnuň düzgünleri:***

1. Eger oýunçynyň pitikleýän aşygy beýleki aşyga degip ýa-da degmän, gapakdan gaçsa, onda beýleki urlan aşygyň eýesi gapakdan gaçan aşygy almaly ýa-da onuň eýesi oňa derek başga aşyk bermeli.
2. Eger oýunçynyň pitikleýän aşygy tändiriljek aşyga degip, onuň bilen togalanyp, gapakdan bile gaçsa, ondaol şol gezekki oýunda utan aşyklaryny orta goýmaly.

## SÜRPEK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Oýny oýnamak üçin tekiz meýdançada giňligi 2–3 metr bolan tegelek çyzyk çyzylýar. Tegelegiň ortasynda aşyk diker ýaly göni çyzyk geçirilýär. Oýna gatnaşýan oýunçylar özara gürleşip, ortada dikmeli aşyklaryň sanyny kesgitleýärler. Aşyklaryň arasy sürpek giňişliginde dikilýär. Dikilen aşyklardan 10–15 ädim daşlykda pellehana kese çyzyk bilen bellenilýär. Oýny bir sürpek bilen ýa-da her oýunçy öz sürpegi bilen oýnap biler. Oýunçylar öz aralarynda bije atyşyp, nobat belleýärler. Sürpek-uly malyň pilçe süňkünden ýörite ýasalan "leperem" bolup biler, düýäniň ýa-da sygryň ýylmanak "topazyny", gurşundan guýlan topazy, ýylmanak sürpek daşy, ýasy ýylmanak gaty demri, atyň aýagyndan sürtülip, ýukalyp gaçan naly, kesilip alnan gataňsy rezin çekini hem ulanyp bilerler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Nobaty birinji çykan oýunçy pellehanadan çyzygy basman, tegelegiň içinde dikilgi aşyklardan çenäp, sürpegini ýerden sürpäp atýar. Atylan sürpek aşyklara degip, olary tegelek çyzykdan daşyna çykarsa, onda sürpegini oklan oýunçy daşyna çykan aşyklary alyp, sürpegiň ýatan ýerinden galan aşyklary sürpek bilen urup, tegelekden çykarmaga hukuk gazanýar. Eger oýun şu tertipde dowam edip, şol bir oýunçy hemme aşyklary sürpek bilen urup, tegelekden çykarsa, onda ol şol tapgyry utýar we oýun täzeden başlanýar. Eger nobatdaky oýunçynyň atan sürpegi aşyklara degmese, degse-de tegelek çyzykdan çykmasa, onda sürpek atmak nobaty beýleki oýunça berilýär. Oýun şu tertipde oýnalyp, tä iň soňky aşyk tegelekden çykýança, dowam edýär. Kim köp aşyk alsa, şol hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Sürpek bilen urlan aşyk tegelek çyzygyň üstünde ýatsa, onda ol aşygy orta oklamaly.

***Oýnuň başga görnüşleri.*** Eger atylan sürpek aşygy tegelekden çykaryp, özi tegelegiň içinde galsa, onda beýleki oýunçylaryň biri sürpegi alyp, aýagynyň daraklygynyň üstünde goýup, bat bilen tegelegiň daşyna zyňýar. Sürpegiň eýesi, sürpegiň düşen ýerinden sürpegini aşyklara atyp, oýny dowam etdirýär.

## ELIŇ ARKASY BILEN GAPMAK

***Oýnuň oýnaljak ýeri we oňa taýýarlyk.*** Bu oýun daşarda açyk howada ýa-da öýde oturyp oýnalýar. Oýny gyzlar öz aralarynda ýa-da oglanlar bilen gatyşyp, oýnap bilerler. Oýny oýnamak üçin 3 sany kiçiräk (guzynyň ýa-da keýigiň) aşygyny saýlap almaly. Oýun iki oýunçynyň arasynda oýnalýar. Şonuň üçin olar bije atyşyp, kimiň oýny birinji başlamalydygyny kesgitleýärler.

***Oýnuň oýnalyşy.*** Bijesi çykan oýunçy üç aşygy bir eliniň aýasyna alyp, ýokary oklap, şol eliniň arkasy bilen gapmaly. Eger ol aşyklaryň üçüsinem gapsa, onda galan aşyklaryny eliniň arkasy bilen ýokary oklap, şol eliniň aýasy bilen gapmaly. Oýunçy aşyklary şu tertipde oklap-gapyp bilse, onda ol bir utuk san gazanýar. Eger ol oklan aşyklaryny eliniň arkasy bilen gapyp bilmese ýa-da birini gaçyrsa, onda aşyk oklama gezegi beýleki oýunça geçýär. Oýun şu tertipde oýnalyp, kim köp utuk san gazansa, şol hem utýar.

***Oýnuň düzgünleri.*** Aşyklary eliniň arkasy bilen gapan oýunçy aşyklary ýokary oklan eliniň aýasy bilen gapyp bilmese, onda ol indiki nobaty aşyklary eliniň arkasy bilen oklamakdan başlamaly.

# V. BIJE ATMAGYŇ USULLARY WE SANAWAÇLAR

## HAÝSY ELIMDE? BIL!

Oýny haýsy toparyň ilki başlamalydygyny kesgitlemek üçin ýolbaşçy iki toparyň öňbaşçysyny ýanyna çagyrýar. Ýolbaşçy iki öňbaşçynyň öňünde durup, eliniň aýasyny açyp öňe uzadýar. Soň ol bir eliniň aýasynda kiçiräjik bellik (şaý, monjuk, ilik, daş, kesek, çöp we ş.m.) goýup, eliniň aýasyny ýumýar we elini arkasyna geçirip, görkezmän, belligi elden-ele geçirip, ýumrugyny düwüp, öňe uzadýar we: “Haýsy elimde? Bil!” — diýip ýüzlenýär. Öz islegi boýunça haýsy ilki elini uzadyp görkezse, bije atyldygy hasaplanýar. Bije atylanda ilki elini uzadyp görkezen öňbaşçy bilse, onda onuň topary oýny birinji başlaýar. Eger-de ol bijäniň ýolbaşçynyň haýsy elindedigini dogry bilmese, onda beýleki öňbaşçynyň topary oýny birinji başlaýar.

## ÇÖP SOGURMAK

Ýolbaşçy eline 5 santimetrden uly bolmadyk iki sany çöp alyp, iki toparyň öňbaşçysyny ýanyna çagyrýar we olara çöpleri görkezip, biriniň ujuny döwüp, ony gysgaldýar. Soň ýolbaşçy elini arkasyna tutup, görkezmän, çöpleriň ýerini çalyşýar. Ol bir eliniň başam barmagy bilen süýem barmagynyň arasyndan çöpleriň deň ujuny çykaryp, uzadyp: “Çöpi sogurýar” diýýär. Haýsy öňbaşçy birinji çöpi sogursa, bije atyldygy hasaplanýar. Uzyn çöpi çykaran öňbaşçynyň topary oýny birinji başlaýar.

## DÄHEDEM – DESSEM

Iki toparyň öňbaşçysy islendik aralykda ýüzbe-ýüz durup, ýolbaşçynyň rugsady bilen biri-birine tarap dähedem-dessem edip baglaýarlar. Dähedem-dessemde aýagynyň ökjesini beýleki aýagynyň başam barmagyna degrip, hereket edýär. Haýsy öňbaşçynyň aýagy beýleki öňbaşçynyň aýagynyň burnuny bassa, şol öňbaşçynyň bijesiniň utdugy hasaplanýar we oýny birinji başlaýar.

## OÝUNÇYLARY IKI TOPARA BÖLMEGIŇ USULLARY

Oýunçylaryň razyçylygy esasynda ýolbaşçynyň görkezmesi bilen iki sany öňbaşçy bellenilýär. Galan oýunçylar meýdança pytrap, her oýunçy özüne deň oýunçyny tapyp, elinden tutuşyp, meýdançanyň çetine çykyp, azaşmaga gidýärler. Şol ýerde oýunçylar öz ýaranlary bilen özlerine at dakýarlar (mysal üçin, biri Aý, biri Gün, derýa-deňiz, gyzyl-kümüş, ýer-gök, at-it we ş.m.). Her ýaran öňbaşçylaryň ýanyna baryp: “Han aga, Aý gerekmi Gün?!” diýýärler. Öňbaşçylar gezekli-gezegine azaşyp gelen ýaranlaryň adyny tutup, birisi Aý gerek, beýlekisi Gün gerek diýýär. Ady tutulan Aý adyny tutan öňbaşçynyň tarapyna geçýär. Şeýdip, oýunçylaryň hemmesi iki topara bölünýärler.

## TAÝAK TUTAMLAŞMAK

Oýna haýsy toparyň ilki başlamalydygyny kesgitlemek üçin “taýak tutamlaşmak” usuly ulanylyp bilner. Ýolbaşçy toparlaryň öňbaşçylaryny ýanyna çagyryp, “Ýeditop”, “Topargaçdy” oýunlarynda oýnalýan taýagy alyp, öňbaşçylaryň birine tarap taýagy dikligine oklaýar. Taýak oklanan öňbaşçy taýagy dikligine ýeke eli bilen gapyp, tutamlaşýar we elini öňe uzadýar. Beýleki öňbaşçy uzadylan taýagyň tutamlan eliniň üstünden taýagy tutamlaýar. Ýene-de öz gezeginde beýleki öňbaşçy onuň eliniň üstünden tutamlaýar. Şeýdip, olar taýagyň ýokarky ujuna çenli tutamlaşýarlar. Iň soňky gezek taýagy doly tutamlan öňbaşçynyň topary oýna ilki başlaýar.

## JÜPBÄP BÖKÜŞMEK

Oýunçylar iki topara bölünip, özlerine öňbaşçy saýlaýarlar. Islendik ýerden çyzyk çyzylyp, pellehana belleýärler. Bije atyşyp, haýsy toparyň öň başlamalydygy kesgitlenýär. Şondan soň birinji başlaýan topar pellehananyň çyzygynyň daşynda yzly-yzyna hatara

durýar. Ýolbaşçynyň rugsady bilen toparyň bir oýunçysy çyzygy basman, aýagyny jüp goýup, duran ýerinden öňe bökýär. Böken aralygyna aýagynyň ökjesinden bellik edilýär. Şol toparyň ikinji oýunçysy bellenen bellikden öňe bökýär. Şeýdip hemme oýunçylar gezekme-gezek bökýärler. Beýleki toparyň oýunçylary iň soňky bellikden yzyna – pellehana tarap gezekme-gezek bökýärler. Eger iň soňky oýunçy pellehananyň çyzygyndan geçse, onda şol toparyň bijede utdugy, pellehananyň çyzygyna ýetmese, onda bijede utuldygy hasap edilýär.

## BARMAGYŇ UJUNDA TAÝAGY KIM KÖP SAKLAŞMAŞAK

Ýolbaşçy iki toparyň öňbaşçylaryny ýanyna çagyryp, bijäni kimiň öň başlamalydygyny kesgitleýär. Şondan soň ilki başlaýan öňbaşçy taýagy başam barmagynyň ujunda dik saklamaga synanyşýar. Taýak barmagyň ujunda saklanyp başlanyndyn wagt bellenilýär. Haýsy öňbaşçy taýagy barmagyň ujunda köp saklasa, şol topar bijede utdugy hasap edilýär.

## SANAWAÇLAR

Toparlara bölünmeýän oýunlary bir oýunçyny goraýjy, awçy, balykçy, möjek, gurt, it, tilki, şagal we başgalary saýlamak üçin sanawaja ökde oýunçyny öňe çykarýarlar. Oýunçylar her hili ýagdaýda düzülip, durup bilerler. Mysal üçin, bir setre, ýarym tegelege, tegelek düzülip, durup bilerler. Sanawajy sanaýan oýunçy haýsy-da bolsa bir çetde duran oýunçydan başlap, sanawajyň her sözünde bir oýunça barmagyny uzadyp, çepden saga sanap başlaýar. Sanawajyň iň soňky sözüne gabat gelen oýunçy olaryň arasyndan ýeke-ýekeden çykyp, döwçi bolýarlar. Iň soňunda iki sany oýunçynyň arasynda sanawaç sanalýar, olaryň haýsysynda sanawaç gutarsa, ol hem döwçi bolýar. Soňuna galan oýunçy bolsa, oýnuň goraýjysy bolýar. Sanawaç sanaýan oýunçy sanawaçdan boşadylýar.

Jedrem-jeňňel,
Ujy meňňel,
Däne, düwme, däh,
Sen çyk!

Hütdi-hütdi,
Bilbil-utdy,
Çekdi kömür,
Çek aýak,
Sen çyk!

Apak-mapak
Ýagşy-ýaman
Ýüpek.
Sen çyk!

Hekger-sekger,
Hekger-tokgar,
Sekger-tokgar,
Sen çyk!

Atdak-matdak,
Gyzyl-etdek,
Sen çyk!

Ak it.
Gara it,
Indi senem,
Çykyp git!

Ekem-ekem,
Arpa-çekem,
Ýola bakam,
Gözüm dikem
Gyzyl towuk,
Gyrma towuk
Jyňňyrdawuk,
Çek aýak
Sen çyk!

Bir, iki,
Üç, dört,
Bäş,
Towşanjyk bilen,
Iýýän mäş,
Sen çyk!

Birem-ikem,
Üçem-dördem.
Bäşem,
Altman agsak,
Ýetmen arrow,
Sen çyk!

Birem-ikiýem
Gamçy-dikem
Saram-sekiz,
Doram-dokuz
Tamam-otuz,
Sen çyk!

Birlen-ikilen,
Üçlen-dörtlen,
Bäşem-altyman,
Ýetmen-sekger,
Tokgar,
Sen çyk!

Birmiş-ikimiş,
Üçmüş-dörtmüş,
Bäşmiş-altmyş,
Ýetmiş-segsen,
Togsan-ýüzmiş,
Sen çyk!

Babam maňa “haý” diýdi,
“Demir donuň geý” diýdi,
“Ol haýata bar” diýdi,
“Ol haýatyň” näsi bar,
Tara dokaýan gelni bar,
Aşyk oýnaýan ogly bar,
Läle kakýan gyzy bar,
“Aýlan” diýsem-aýlandy,
“Pyrlan” diýsem-pyrlandy
Bar, sen, çyk!

Şakyrdyk baýtal,
Belany gaýtar,
Gurulgy duran gapany,
Dogry gelýän sapany,
Şakyrdyk baýtal,
Yzyna gaýtar,
Tur, sen, çyk!

Öweleme-döweleme,
Gara goýnuň gany bilen,
Salkym üzüm sany bilen,
Agam ogly nirä gitdi?
– Duza gitdi,
– Haçan geljek?
– Ýaz geljek.
Tur, sen, çyk!

Pyrlym-pys,
Egniňi gys,
Gara goýny garbala,
Semiz goýny sürelge,
Esen-esen, tasma kesen,
Jüýje burun, çürt kese
Tur sen, çyk!

Öweleme-döweleme,
Mis düşdi,
Meýdana kişmiş düşdi,
Meýdanyň agaçlary,
Şag-şag eder guşlary,
Ýurdumyzdan aýrylsak,
Ýykylsyn agaçlary.
Bar, sen, çyk!

Eý, taýak,
Iman taýak.
Eýesi başyn
Iýmän taýak,
Gyldan guýruk,
Gulandan ýüwrük,
Müň goýun bakan taýak,
Çopana taýak
Tur, sen çyk!

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – Aşgabat, 2011.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy. – Aşgabat, 2012.

4. *Annaýew K., Balakaýew G., Mommyýew G*. Türkmen milli oýunlary. – Aşgabat, 1962.

5. *Garýagdyýew G*. Nesil saglygy we milli sport oýunlary. – Aşgabat, 2004.

6. *Çaryýewa O*. Türkmen milli oýunlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti. – Aşgabat: Ylym, 2003.

7. *Аникеева Н.П.* Воспитание игрой. – М., 1987.

8. *Аникеева Н.П.* Игра в педагогическом процессе. – Новосибирск, 1989.

9. *Аникеева Н.П.* Педагогика и психология игры. – М., 1986.

10. *Балашов Л. Е*. Философия. – М., 2003.

11. *Хейзинга Й.* В тени завтрашнего дня. HomoIudens, М., 1992.

12. *Шмаков С.А*. Игры учащихся – феномен культуры. – М.: Новая школа, 1994.

13. Игры народов СССР. – Л., 1933.

14. Кенеман А.В. Детские подвижные игры народов СССР. – М.: Просвещение, 1988.

# MAZMUNY


Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7


## I. TÜRKMEN MILLI OÝUNLARYNYŇ GÖRNÜŞLERI


Aýterek – günterek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Ogar – ogar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 11
Töňňe – töňňe . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
Gubagazlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
Gözdaňdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
Altyçöp . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 16
Düzme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
Kerwen . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 19
Alany ýanynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 20
Guýruk tutdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
Ortada durmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22
Pişik – pişik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
Parran . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 24
Guşakgoýdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25
Tor . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
Ýaglyga towusmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 28
Urup gaçdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
Çopan bilen möjek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
Süňk – süňk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
Elek – çelek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33
Kyrk göjek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
Jemile . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 36
Agsak towuk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
Agsak durna . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
Uran – urdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41

Awçylar we ördekler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 42
Topargaçdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44
Ýaranyma – ýaranym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
Düzzüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
Ýeditop . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Ýüpek – ýüpek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
Guşakgapdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53
Kepbämgurdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
Eşek mündi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
Çürrükkesdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
Mergenlik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58
Çekişme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
Haýat ýykyldy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
Eşegarka . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 62
Öz baýdagyňy tap! . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 64
Bukuldym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
Görüp – gaçdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67
Basyrdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 68
Gizlenpeçek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 69
Garaňy gördüm – paňk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70
Tarapma – tarap bukuldym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
El degirdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
Eliňi uzat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73
Arany kesip geç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73
Doňy çöz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 73
Aýagyňy ýerden üz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
Ýeke aýakda el degirdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
Gurbagalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74

## II. TAÝAK BILEN OÝNALÝAN TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Taýak atdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75
Gyzyl taýak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
On iki taýajyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Taýak zyňdy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
Çilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79
Hekgal . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
Leňke . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83

## III. SUWDA OÝNALÝAN TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Şallak. . . . . . . . . . 86
Öwhä . . . . . . . . . . 87

## IV. AŞYK BILEN OÝNALÝAN OÝUNLAR

Tändirme . . . . . . . . . . 89
Jikge – tükge . . . . . . . . . . 90
Üçem . . . . . . . . . . 91
Çagşal . . . . . . . . . . 92
Üç daban . . . . . . . . . . 93
Ajydyp almak. . . . . . . . . . 94
Gapakly . . . . . . . . . . 95
Sürpek . . . . . . . . . . 96
Eliň arkasy bilen gapmak. . . . . . . . . . 97

## V. Bije atmagyň usullary we sanawaçlar

Haýsy elimde? Bil! . . . . . . . . . . 98
Çöp sogurmak . . . . . . . . . . 98
Dähedem – dessem . . . . . . . . . . 98
Oýunçylary iki topara bölmegiň usullary . . . . . . . . . . 99
Taýak tutamlaşmak . . . . . . . . . . 99
Jüpbäp böküşmek. . . . . . . . . . 99
Barmagyň ujunda taýagy kim köp saklaşmaşak . . . . . . . . . . 100
Sanawaçlar . . . . . . . . . . 100

# TÜRKMEN MILLI OÝUNLARY

Usuly gollanma


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Kakajanow* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Suratçylar | TDÇA-nyň talyplary |
| | *K. Babaýew, B. Gurbannurow* |
| Kompýuter bezegi | *O. Gataulina* |
| Neşir üçin jogapkär | *H.Nunnaýew* |

Ýygnamaga berildi 24.05.2013. Çap etmäge rugsat edildi 26.06.2013.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garnitura. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 6,75. Çap listi 6,75. Hasap-neşir listi 4,816.
Neşir № 64. Sargyt № 00. Sany 5000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.